**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – BIZIŇ ESASY MAKSADYMYZ HALKYMYZYŇ, HER BIR MAŞGALANYŇ, ÝURDUMYZYŇ HER BIR RAÝATYNYŇ ABADAN, BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAGYNY ÜPJÜN ETMEKDEN YBARATDYR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
10-njy aprel, 2026. Belgisi 15/1685



# HALKYMYZYŇ ABADAN DURMUŞY BARADAKY ALADANYŇ AÝDYŇ GÜWÄSI

**8-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde 4 müň 500 hojalyga niýetlenen täze, döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.**

Gahryman Arkadagymyzyň halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek boýunça başlangyçlary häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Oba milli maksatnamasynda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan işleriň çäklerinde ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döwrebap ýaşaýyş jaýlary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda düýbi tutulýan täze, döwrebap şäherçe hem munuň bir mysalydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň uçary Mary şäheriniň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz mähirli garşylanyldy. Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz welaýatyň sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlaryna tomaşa etdi. Aýdym-sazly çykyşdan soňra, döwlet Baştutanymyz dikuçarda täze, döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasynyň geçirilýän ýerine bardy. Dabaranyň geçirilýän ýerinde uly ruhubelentlik ýagdaýy emele geldi. Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Mary welaýatynyň häkimi, halk köpçüligi bar.

Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň çykyşy dabara aýratyn öwüşgin çaýdy. Soňra hormatly Prezidentimiz dabaranyň geçirilýän ýerinde ýörite gurnalan mejlisler zalyna baryp, Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde täze, döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasy mynasybetli çykyş etdi.

Döwlet Baştutanymyz dabara gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzda giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny, täze, döwrebap şäherleriň, şäherçeleriň we obalaryň, senagat desgalarynyň, önümçilik kärhanalarynyň yzygiderli gurlup ulanmaga berilýändigini aýtdy hem-de Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginde täze, döwrebap şäherçäniň gurluşygyna badalga bermek dabarasy mynasybetli hemmeleri tüýs ýürekden gutlady.

Geçen ýyl Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda Döwletli mekan, Kaka etrabynda Bagtly zamana obalarynyň, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda Bitaraplyk şäherçesiniň açylmagy halkymyz üçin uly sowgat boldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem raýatlarymyz üçin iň amatly ýaşaýyş şertlerini döretmek, ýurdumyzyň sebitlerini abadanlaşdyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny nygtady.

Bu günki düýbi tutulýan täze, döwrebap şäherçede-de ähli amatly şertler dörediler. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi tarapyndan guruljak täze şäherçe 800 gektardan gowrak meýdany öz içine alar. Ýolöten etrabyndaky täze şäherçede jemi 22 müň 500-den gowrak ilata niýetlenen 4 müň 500 sany ýaşaýyş jaýy bina ediler. Bu jaýlarda adamlaryň ýaşamagy üçin amatly şertler dörediler. Şeýle hem bu ýerde Geňeşiň edara binasy, orta mekdepler, çagalar baglary, saglyk merkezleri, medeniýet öýi, metjit gurlup ulanmaga berler. Täze şäherçede döwrebap durmuş üpjünçilik ulgamlary hereket eder. «Şeýlelikde, ýene-de az wagtdan Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda ýaşamak üçin ähli şertleri bolan täze şäherçe bina ediler. Täze şäherçäniň gurulmagy ýurdumyzda bagtyýar halkymyzyň abadan durmuşy ugrunda tutumly işleriň rowaçlanýandygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezer» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň beýleki welaýatlary bilen bir hatarda, Mary welaýatynyň hem durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini, bu ýerde kuwwatly senagat kärhanalarynyň, medeni-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň yzygiderli gurlup ulanmaga berilýändigini, ýakyn günlerde bolsa möhüm ähmiýetli taryhy taslamanyň – «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryna badalga beriljekdigini belledi.

«Biz geljekde hem ýurdumyzyň welaýatlaryny toplumlaýyn ösdürmek, döwrebap desgalary gurmak, täze önümçilikleri döretmek boýunça maksatnamalaýyn işleri üstünlikli dowam etdireris. Biziň esasy maksadymyz halkymyzyň, her bir maşgalanyň, ýurdumyzyň her bir raýatynyň abadan, bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmekden ybaratdyr» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda döwrebap, täze şäherçäniň gurluşygyna badalga berilmegi bilen hemmeleri ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady.

Soňra bu ýerde täze guruljak döwrebap şäherçe barada giňişleýin maglumat berýän wideoşekiller görkezildi. Soňra Ýolöten etrabynyň ýaşaýjylary hoşallyk sözleri bilen çykyş etdiler.

Çykyşlar tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz körpeleriň haýyşy boýunça täze desganyň düýbüniň tutulmagy mynasybetli ýadygärlik ýazga gol çekdi. Soňra döwlet Baştutanymyz ýadygärlik ýazgy galdyrylan gutujygy ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda täze şäherçäniň binýadyna atdy. Hormatly Prezidentimiz döwrebap şäherçäniň binýadyna ilkinji beton garyndysyny atdy hem-de halkymyzyň asylly däbine eýerip, bu beýik başlangyja ak pata berdi. Döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, il sylagly ýaşulular hem desganyň düýbüne beton garyndysyny atdylar.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan çagalara sowgatlar gowşuryldy.

Dabara tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz hemmeler bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçarda Mary şäheriniň Halkara howa menziline geldi we bu ýerden paýtagtymyza ugrady.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Mary welaýatyna amala aşyran iş sapary halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda amala aşyrylýan netijeli işleriň nobatdaky aýdyň beýany boldy.

* * *

Şol gün Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginiň çäginde täze, döwrebap şäherçäniň düýbüni tutmak dabarasy mynasybetli toý sadakasy berildi.

## BÜTINDÜNÝÄ SAGLYK GÜNI – ADAMZAT ÜÇIN MÖHÜM SENE

**Her ýylyň 7-nji aprelinde dünýäde giňden bellenilýän Bütindünýä saglyk güni adam saglygynyň gymmatyny nygtamak we jemgyýetde sagdyn ýaşaýyş ýörelgelerini wagyz etmek maksady bilen geçirilýär. Bu sene 1948-nji ýylda döredilen Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen berk baglanyşyklydyr. Guramanyň döredilen güni bilen baglylykda, bu baýramçylyk dünýä jemgyýetçiligini saglyk meselelerine ünsi güýçlendirmäge çagyrýar.**

«Bütindünýä saglyk güni ynsan saglygyna, bedenterbiýe we sporta aýratyn ähmiýet berilýän hem-de ynsanperwerligiň belent däplerini dabaralandyrýan halkara baýramdyr. Milli senenamamyza girizilen bu baýram jemgyýetimiziň sagdynlygyny, agzybirligini, jebisligini, ägirt uly döredijilik mümkinçiliklerini özünde jemleýän baýram hökmünde eziz Diýarymyzda döwlet derejesinde giňden bellenilýär» diýip, hormatly Prezidentimiz belleýär.



Her ýyl bu gün belli bir tema bagyşlanýar. Bu temalar dürli keselleriň öňüni almak, saglyk, sagdyn iýmitlenmek ýa-da fiziki işjeňlik ýaly möhüm ugurlary öz içine alýar. Şeýle çäreler diňe saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleriniň däl, eýsem, ähli jemgyýetiň gatnaşmagyny talap edýär.

Saglyk diňe keseliň ýoklugy däl, eýsem, adamyň beden, ruhy we durmuş taýdan doly abadançylykda bolmagydyr. Şonuň üçin saglygy goramak diňe bir lukmanlaryň işi däl, eýsem, her bir adamyň öz jogapkärçiligi bolup durýar. Sagdyn durmuş ýörelgesi üçin şu şertler aýratyn ähmiýetlidir. Olar arassa daşky gurşawdan, dogry iýmitlenmekden, yzygiderli fiziki işjeňlikden, ruhy deňagramlylykdan we zyýanly endiklerden daşda durmakdan ybaratdyr.

Häzirki wagtda oturyp işlemek we hereketiň azlygy köp keselleriň döremegine sebäp bolýar. 2

## GARAŞSYZLYK – ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY

**Türkmen halky üçin Garaşsyzlyk milli buýsanjyň we özbaşdak ösüşiň gözbaşydyr. Mukaddes Garaşsyzlygyň 35 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda gazanylan üstünliklere nazar aýlamak aýratyn buýsanç duýgusyny döredýär.**

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda amala aşyrylan giň gerimli özgertmeler ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ösüşi üpjün etdi. Nebit-gaz, gurluşyk, oba hojalygy, ulag we kommunikasiýa ulgamlarynda gazanylan üstünlikler Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny has-da berkitdi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüş-özgerişler ýolunyň dowam etdirilmegi netijesinde, şäherlerimiz we obalarymyz döwrebap keşbe eýe bolup, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi barha ýokarlanýar. Döwlet tarapyndan durmuş ulgamyna gönükdirilýän serişdeleriň möçberi barha artýar. Adam maýasynyň gorlaryny ösdürmekde hem-de kämilleşdirmekde döwrüň öňe sürýän talaplaryndan ugur alnyp, degişli pudaklary döwrebaplaşdyrmaga uly üns berilýär.



Bu bolsa Türkmenistanyň Konstitusiýasynda jemgyýetimiziň we döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy hökmünde kesgitlenen adamyň bagtyýar durmuşy hakyndaky aladanyň, Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan durmuş syýasatynyň toplumlaýyn häsiýete eýe bolýandygynyň aýdyň güwäsidir. 3



**Hyzmatdaşlygyň täze tapgyry**

Ýewropa Bileleşigi Afrika yklymy bilen gatnaşyklarynda adaty ösüş kömegini bermek tejribesinden maýa goýum hyzmatdaşlygyna esaslanýan täze modele geçýär.

4 sah



**1-nji duşuşyklarda myhmanlar öňe saýlandy**

UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek final duşuşyklaryna badalga berildi. Çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, 3 oýunda myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy.

6 sah



**Täze möwsüm uly hasaply ýeňişler bilen başlandy**

Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynyň täze möwsümine badalga berildi. Täze möwsümiň 1-nji tapgyrynyň ähli duşuşygynda ýer eýeleri ýeňiş gazandy.

7 sah

## Oba göçenlere *aýlyk berler*

Italiýanyň Kalabriýa sebitinde obalara göçüp baranlara aýda 800 ýewro tölener. Sebitiň ykdysadyýetini ösdürmek maksady bilen durmuşa geçirilýän maksatnamanyň çäklerinde bu kömek puly 2 ýyl berler. Sebitde 9 obanyň ilaty soňky ýyllarda 2 müňden azalypdyr. Bu ýeňillikden peýdalanmak üçin bar bolan bir täjirçilik işini dowam etdirmek ýa-da täze işi ýola goýmak talap edilýär. Bu maksatnama ýurduň hökümetiniň «Resto al Sud» (Günortada galýaryn) atly has uly maksatnamasynyň çäklerinde durmuşa geçirilýär.



Bu maksatnama bilen diňe söwdany ösdürmek däl, eýsem, sebitiň ilat sanyny hem artdyrmak göz öňünde tutulýar. Sebitiň ilat sanyny artdyrmak maksady bilen ýerli önümçilige hem goldaw berilýär. Ýerli ýaşaýjylardan oba hojalygy, syýahatçylyk, gastronomiýa we senetçilik işleri bilen meşgullanýanlara hem goldaw berilýär. Maksatnamadan peýdalanmak üçin başlangyç derejede italýança bilmek, 40 ýaşa ýetmedik bolmak ýaly şertler bar.

**Myrat ŞAMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, podpolkownik.*

## Ýaşlar mugt otly *peteginden peýdalanar*

Ýewropa Komissiýasy «DiscoverEU» maksatnamasynyň çäklerinde her ýyl 35 müň ýaş raýata mugt otly petegi berýär. Bu maksatnamadan Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar bilen bir hatarda «Erasmus+» ýurtlary – Türkiýe, Islandiýa, Lihtenşteýn, Demirgazyk Makedoniýa, Norwegiýa, Serbiýa döwletlerinden ýaşlar hem peýdalanyp bilýärler. Ýaşlar şu ýylyň 1-nji iýulyndan geljek ýylyň 30-njy sentýabryna çenli aralykda 7 günläp Ýewropanyň birnäçe şäherini mugt otly peteklerinden peýdalanyp aýlanyp bilerler.




Şeýle hem ýüztutmasy kabul edilen ýaşlar sport, medeni çäreler, myhmanhana, jemgyýetçilik ulaglary we beýleki birnäçe hyzmatdan peýdalanmak üçin arzanlaşykly kartyň eýesi bolarlar. Her ýyl bolşy ýaly, bu ýeňillikden diňe 18 ýaşlylar peýdalanyp bilýär. Tölegsiz syýahatdan peýdalanmak üçin 8-nji aprelden 22-nji aprele çenli ýüz tutmaly. Maksatnama 2018-nji ýylda durmuşa geçirilipdi. Häzire çenli bu maksatnamanyň çäklerinde 431 müň 931 petek berlipdir.

**Mähri BAÝJYKOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Kosmos internetini *ösdürýär*

Hytaý kosmos internetini ösdürmek üçin kiçi göwrümli 18 sany antennany kosmosa goýberdi. Ýurt Ýeriň medeni zolakdan uzak ýerlerini ýokary hilli internet hyzmaty bilen üpjün etmek maksady bilen «Qianfan» atly taslamany durmuşa geçirýär. Taslamanyň çäklerinde jemi 14 müň emeli hemra kosmosa iberiler. Golaýda 7-nji uçuşyň çäklerinde 18 emeli hemra kosmosa uçuryldy.



Taslamanyň birinji tapgyrynda jemi 1 müň 296 emeli hemra Ýeriň aşaky orbitasyna çykarylar. Emeli hemralaryň birinji topary 2024-nji ýylyň awgust aýynda uçurylypdy.

Häzirki wagtda Ilon Maskyň ýolbaşçylyk edýän «SpaceX» kompaniýasyna degişli bolan «Starlink» taslamasy hem durmuşa geçirilýär. Bu taslamanyň çäklerinde eýýäm ýüzlerçe emeli hemra kosmosa çykarylyp, Ýeriň dürli künjegi ýokary hilli internet hyzmaty bilen üpjün edildi.

**Şasüleýmän GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Dünýäniň iň arzan *şäherleri*

«Numbeo» maglumat beriş kompaniýasy dünýäde ýaşaýşyň iň arzan şäherleriniň sanawyny taýýarlady. Sanaw düzülende hyzmatlar pudagy, ýaşaýyş jaýlarynyň, azyk önümleriniň bahasy ýaly ölçeglere seredilipdir. Bu sanawda Günorta Aziýa ýurtlarynyň şäherleri öňdäki orunlary eýeläpdir.



Bu şäherlerde ýerli önümçiligiň ösen bolmagy ýaşaýşyň bahasynyň elýeterli bolmagyna getirýär. Pakistanyň Karaçi şäheri birinji orny eýeleýär. Lahor (Pakistan), Yslamabat (Pakistan), Indaur (Hindistan), Bhopal (Hindistan), Faýsalabat (Pakistan), Patna (Hindistan), Rawalpindi (Pakistan), Multan (Pakistan) we Kair (Müsür) öňdäki orunlary eýeleýär.

**Gurban ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramalarynyň Tagtabazar etrap geňeşiniň başlygy.*

# BÜTINDÜNÝÄ SAGLYK GÜNI – ADAMZAT ÜÇIN MÖHÜM SENE







**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şonuň üçin gündelik fiziki işjeňlik hökmanydyr. Günde azyndan 30 minut gezelenç etmek, sport bilen meşgullanmak (ýoga, ýüzmek, ylgamak), irden beden maşklaryny ýerine ýetirmek adamyň fiziki işjeňligini ýokarlandyrýar. Fiziki işjeňlik ýürek-damar ulgamyny güýçlendirýär, semizlikden goraýar we ruhy ýagdaýy gowulandyrýar.

Saglyk diňe şahsy däl, eýsem, jemgyýetçilik gymmatlygydyr. Döwletimiz tarapyndan döredilýän şertler sagdyn jemgyýetiň esasyny düzýär.

Köpçülikleýin sportuň ösdürilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu aýda geçirilýän bu çäreler ýaş nesliň bedenterbiýä bolan höwesini artdyrmaga we jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini berkitmäge hyzmat edýär. Aprel aýynyň dowamynda geçirilýän halkara sport maslahatlary bolsa, ýurdumyzyň sport diplomatiýasyndaky ornuny has-da berkidýär.

Bütindünýä saglyk güni diňe bir baýramçylyk däl, eýsem, adamlary saglygyň gymmaty barada oýlanmaga iterýän möhüm pursatdyr. Her bir adam öz saglygyny goramak üçin gündelik durmuşynda sagdyn ýörelgeleri berjaý etmeli.

**Jemal KADYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN BEDEWLERI – HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

Her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde ýurdumyzda Türkmen bedewiniň milli baýramy uly dabaralara beslenip bellenip geçilýär hem-de bu özboluşly tohumyň naýbaşy wekilleriniň arasynda «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşigi geçirilýär. Baýramçylyklaryň aýrylmaz bölegi bolan at çapyşyklaryny geçirmek üçin paýtagtymyzda, welaýatlarda döwrebap atçylyk toplumlary guruldy, ugurdaş infrastruktura döredildi. 2010-njy ýylda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi halkara hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklara täze itergi berdi. Sportuň Olimpiýa görnüşi bolan konkury ösdürmäge täze itergi berildi. Bu sport görnüşiniň 2017-nji ýylda Aşgabatda üstünlikli geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilendigini bellemek gerek.

Owadanlygy, syrdamlygy boýunça deňi-taýy bolmadyk ahalteke bedewleri milli hem-de dünýä medeniýetiniň naýbaşy gymmatlyklarynyň biri hökmünde ykrar edildi. Taryhy maglumatlara görä, 5 müň ýyllyk taryhy bolan meşhur bedewlerimiziň nesil ugry öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Ir döwürden bäri seýislerimiz tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen we kämillik derejesine ýetirilen ahalteke bedewleri dünýäde beýleki meşhur at tohumlarynyň birnäçesiniň kemala gelmegine uly täsirini ýetirdi. Taryhyň dowamynda türkmen halkynyň wepaly ýoldaşy, dosty bolan behişdi bedewler häzirki wagtda Garaşsyz, baky




Bitarap Watanymyzyň okgunly ösüşiniň, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň döredijilik ruhunyň nyşanyna öwrüldi. Gadymy döwürlerden bäri dünýäde behişdi bedewlere, olaryň kämil keşbine we özboluşly häsiýetlerine haýran galynýar. Şu ýylda meýilleşdirilen dürli çäreler ahalteke atlarynyň dünýädäki şöhratyny has-da artdyrmaga, milli atçylyk sungatyny halkara derejede wagyz etmäge gönükdirilendir.

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi hem-de Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli ýylyň dowamynda meýilleşdirilýän çäreleriň maksatnamasy işlenip düzüldi. Ýylyň şygary bilen baglylykda, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda atçylyk we atly sport ugurlary boýunça çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýlelikde, 2026-njy ýyl üçin meýilleşdirilen ähli çäreler hem-de onuň döwürleriň we nesilleriň üznüksiz baglanyşygyny görkezýän nyşany Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň saýlap alan döredijilik ýolunda täze sepgitlere bolan ymtylyşyny aýdyň görkezýär. Olarda ýurdumyzyň döwletlerdir halklaryň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi, ynamy berkitmäge, ählumumy parahatçylygy pugtalandyrmaga goşant goşýan medeni we sport diplomatiýasyny ilerletmek arkaly netijeli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydygy öz beýanyny tapýar.

**Aýna WELMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň umumy bölüminiň baş hünärmeni, ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.*

# BILIM ÖZGERTMELERI – ÜSTÜNLIGIŇ BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwrebap bilim özgertmeleri röwşen geljegimiz bolan çagalaryň, ýaşlaryň kämilligini, döwrebap bilimlerini üpjün edýär. Ylym-bilim mümkinçilikleriniň ýokary derejesi bu ulgamyň merkezlerine ylmy-tehniki täzelikleriň ornaşdyrylmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýörite orta, şeýle hem ýokary okuw mekdepleri dünýä ölçeglerine laýyk gelýän iň täze kompýuter tehnologiýalary, multimediýa enjamlary bilen üpjün edilýär. Ýaşlara berilýän bilimiň ýokary derejede bolmagyny gazanmaga hem-de hünärmenleri taýýarlamak boýunça bitewi ulgamyň bolmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýaş nesliň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwrenmekleri, olaryň dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan baş çykaryp bilýän ýokary derejeli hünärmen bolup ýetişmekleri ugrunda irginsiz tagalla edilýär. Dünýä dillerini bilmek bilen ýaşlarymyz dünýäniň ylmy maglumatlaryny tiz özleşdirýärler. Şonuň üçin hem sanly ulgam boýunça hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Ýaş nesillerimiz sanly ulgama, kompýuter tehnologiýasyna, robot tehnologiýasyna oňat düşünýärler. Bu babatda takyk we tebigy bilimleriň özleşdirilmegine uly ähmiýet berilýändigini bellemek gerek. Bilim babatda amala aşyrylýan innowasion özgertmeleriň barşynda ylym-bilim ulgamynyň öňünde durýan wezipeleriň çägi barha giňeýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda bilim ulgamyny kämilleşdirmekde yzygiderli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.



Umumybilim berýän orta we ýokary okuw mekdeplerinde dürli ders bäsleşikleri geçirilýär. Netijede, zehinli, bilim almaga hyjuwly nesil kemala gelýär. Ýakynda ýurdumyzyň orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda geçirilen «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly bäsleşikde mekdebimiziň okuwçylary üstünlikli çykyş etdiler. Bäsleşigiň şäher tapgyrynda matematika, biologiýa dersinden okuwçylarymyzyň 6-sy öňdäki orunlary eýelemegi başardylar. Esasan hem, matematika dersinden mugallym Gülälek Amanbaýewanyň taýýarlan okuwçylary aýratyn saýlandylar.

Ýaşlaryň bilimi, zehini röwşen geljegimizi üpjün edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym-bilimi çuňňur öwrenýän ýaşlaryň ümzügi ileri. Okuwçylar dünýäniň iň bir döwrebap enjamlary bilen üpjün edilen mekdeplerde bilimlerini, ukyp-başarnyklaryny artdyrýarlar. Döwrebap bilim almak, ussat hünärmen bolup ýetişmek ýaşlaryň ýeke-täk arzuwy. Ýurdumyzda ýaşlaryň bilim öwrenmeklerine giň mümkinçilikleriň döredilmegi belent üstünlikleriň binýadynyň berkdigini görkezýär. Ýaşlar Watanyň, halkyň geljegi. Ylym-bilimiň ilkinji basgançagy bolsa, bilim ojaklaryndan başlanýar. Biz – mugallymlar Watanyň, halkyň geljegi, daýanjy bolan ýaşlary terbiýeläp we ösdürip ýetişdirmekde bilimimizi, zehinimizi, başarnygymyzy gaýgyrmarys. Häzirki ajaýyp döwrümizde bagtyýar geljegimiz barada çuňňur alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Ogulşat AÝMÄMMEDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki matematika we iňlis dili okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 49-njy orta mekdebiň mugallymy.*

## Rekord goýan *syýahat*

Adamzat ýarym asyrdan gowrak wagtdan soňra gaýtadan Aýa gitmäge taýýarlyk görýär. Bu maksat bilen 2-nji aprelde dört astronawt kosmosa uçurylypdy. 10 gün dowam etjek syýahatyň çäklerinde üçüsi amerikaly, biri kanadadan bolan astronawtlar Aýyň daşyndan aýlanyp, yzyna gaýtdylar. Şeýlelikde, olar häzire çenli kosmos giňişliginde adamyň baran iň uzak ýerine ýetdiler. Astronawtlar Ýerden 406 müň 765 kilometr uzaga gidip, mundan ozal «Apollo 3»-e degişli bolan rekordy tazelediler. Geçilen aralygyň 1970-nji ýyldaky rekorddan 6 müň 600 kilometrden gowrakdygy mälim edildi.



«Artemis 2» atly kosmos gämisi Aýyň bize görünmeýän, ýagny garaňky tarapyna geçeninde, gäminiň ekipažy Günüň tutulmagyna hem-de «Ýeriň batmagyna» şaýat boldular. Aýyň aňyrsyndan seredilende, Gün şöhlesi Aýyň daşynda halka emele getirip, Günüň daşky atmosferasyny ýüze çykarýar. Şeýle hem ol ýerde ýyldyzlar hem has aýdyň görünýär. Astronawtlar kosmos gämisiniň penjiresinden Ýer bilen Aýy bir kadrda surata düşürdiler. Onda Aýdan Ýeriň ýaşyşyny görmek bolýar. Aýyň golaýyndan seredilende, biziň planetamyz ýarym Aý ýaly bolup hem görünýär.

**Selbi BAÝMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Ýel energiýasy *güýçli ösýär*

Bütindünýä ýel energiýasy bileleşiginiň (WWEA) geçen ýyla degişli taýýarlan maglumatyna görä, ýel energiýasynyň ösüşi ýylsaýyn artýar. 2024-nji ýylda bu ugurda dünýäde 11,9% ösüş gazanylan bolsa, geçen ýyl bu görkeziji 14,3%-e ýetipdir. Sebitler babatda alnanda, käbir ýurtlarda has ýokary ösüş hasaba alnypdyr. Degişli döwürde Wýetnam 50,8% ösüş bilen birinji bolupdyr. Çilide 23,9%, Hytaýda 23,2% we Hindistanda 13,1% ösüş hasaba alnypdyr.

Ýylyň dowamynda bütin dünýäde önümçilik kuwwaty 169 müň 14 megawat täze beketler işe girizilipdir. Bu pudagyň umumy önümçilik kuwwaty 1 million 346 müň 866 megawata ýetipdir. Şeýlelikde, dünýäde elektrik energiýasynyň 11 göteriminden gowragy ýel beketlerinden alyndy.



Diňe Hytaýda önümçilik kuwwaty 130 müň megawat bolan täze beketler guruldy. Şeýlelikde, täze gurlan ýel beketleriniň 77 göterimi bu ýurda degişli boldy. Netijede, dünýäniň umumy önümçiliginiň ýarysyndan gowragy Hytaýa degişli boldy.

Hindistan bolsa, önümçilik kuwwaty 6 müň 300 megawat bolan täze ýel beketlerini gurup, bu ugurda ABŞdan öňe geçdi. Üçünji ýerdäki ABŞ-da bolsa, önümçilik kuwwaty 6 müň 272 megawat bolan täze desgalar guruldy.

**Gülşat ÖMÜRKULOWA,**
*Hojambaz etrabyndaky 21-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Reňksiz *älemgoşar*

Dünýäniň käbir ýerlerinde seýrek ýagdaýda hem bolsa, ak reňkli älemgoşar görünýär. Golaýda Antarktikada iş alyp barýan hünärmenler şeýle tebigy hadysanyň şaýady boldular. Ýagyş damjalarynyň döwülmegi netijesinde emele gelýän älemgoşar adatça dürli reňkli hem-de ýarym Aý şekilinde bolýar.



Emma örän seýrek ýagdaýda reňksiz, ýagny ak älemgoşar hem duş gelýär. Munuň sebäbi şöhläni döwýän suw damjalarynyň örän ownuk bolmagy bilen baglydyr. Ýagny bu hadysa ümürli howada duş gelinýär.

Seýrek ýagdaýda ak älemgoşaryň ýokarsy narynç, aşagy benewşe reňkli hem bolup bilýär. Ak älemgoşar adatça, polýar sebitlerde gabat gelýär.

**Mahym MAWYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Ýaponiýada täze guş görnüşi tapyldy

Ýaponiýanyň Tokara adalarynda ozal ylym dünýäsine belli bolmadyk täze bir guşuň üstünden baryldy. Aslynda, Tokara ýaprak saýraýjysy diýlip atlandyrylan guş ozaldan bäri mälimdi. Ýöne bu kiçijik bilbil mundan ozal Ijimanyň ýaprak saýraýjysy (Phylloscopus ijimae) atly guş bilen garyşdyrylýardy.



Geçirilen barlaglaryň netijesinde bu guşjagazyň genetiki taýdan tapawutlydygy anyklandy hem-de oňa täze at (Phylloscopus tokaraensis) berildi.

Şwed we ýapon alymlary iň döwrebap barlaglary geçirenlerinde, mundan ozal Ijima bilbili bilen daşky keşbi meňzeş bolan guşuň aslynda tapawutlydygyny anykladylar. Bu guşlaryň Tokara adalarynda millionlarça ýyldan bäri köplük bolup ýaşaýandygy ýüze çykaryldy.

Alymlar Tokara bilbili bilen Ijima bilbilini tapawutlandyrmak üçin diňe DNK taýdan däl, olaryň sesine-de üns beripdirler. Tokara bilbiliniň sesiniň özüne mahsus ritmi we äheňi bar. Şeýle hem olaryň arkasy zeýtuna çalym edýän ýaşyl reňkli, döşi bolsa çalymtyl bolup, kellesi birneme kiçi, aýaklary kelteräk.

Tokara bilbili diňe kiçi adalar toparynda ýaşaýar we onuň sany çäkli. Şol sebäpli alymlar bu guşy eýýäm goralmaga mätäç jandarlaryň sanawyna goşmagy teklip edýärler.

Ýaponiýada iň soňky guş görnüşi mundan 45 ýyl töweregi ozal, ýagny 1980-nji ýyllaryň başynda hasaba alynýar.

Her ýyl dünýäniň dürli ýerinde täze jandarlaryň, şol sanda guşlaryň hem täze görnüşleri tapylýar.

**Jeren OWLÝAGULYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň talyby.*




ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 10-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118449
Belgisi: 15/1685
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# SANLY ULGAM – DÖWREBAP ÖSÜŞIŇ MÖHÜM UGRY

Häzirki döwürde dünýäniň köp ýurtlarynda bolşy ýaly, ýurdumyzda hem innowasion ösüşiň esasy ugurlarynyň biri sanly ulgamyň ösdürilmegi bolup durýar. Sanly ykdysadyýetiň kemala gelmegi diňe bir ykdysady ösüşi däl, eýsem, jemgyýetiň ähli ulgamlarynyň döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün edýär.

Soňky ýyllarda Diýarymyzda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Döwlet tarapyndan kabul edilen maksatnamalar esasynda internet ulgamynyň elýeterliligi giňeldilýär, elektron hyzmatlaryň sany artdyrylýar hem-de döwlet edaralarynyň işine sanly çözgütler üstünlikli ornaşdyrylýar. Bu bolsa raýatlara hyzmat etmegiň tizligini we hilini ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Giň gerimli sanly özgertmeler «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 – 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäginde alnyp barylýar. Resminama 5G tehnologiýalaryny, bulut hyzmatlaryny, uly maglumatlary (big data), zatlaryň internetini (IoT) we fintehi ornaşdyrmagy, şeýle hem elektron hökümeti, telemedisinany we uzakdan bilimi döwrebaplaşdyrmagy öz içine alýar.

Emeli aňy ulanmak arkaly synag taslamalary eýýäm dört pudakda – bilim, saglygy goraýyş, oba hojalygy we ýol hereketini dolandyrmak ulgamlarynda işe girizildi. Şol bir wagtda Arkadag şäherinde öňdebaryjy sanly çözgütleri ulanmak arkaly, gurluşygyň ikinji tapgyry dowam edýär; IT-merkezleri paýtagtymyzda hem-de Arkadag şäherinde döredilýär.




Golaýda ýurdumyzyň Aragatnaşyk ministrligi bilen «Muroosystems Corporation» kompaniýasynyň arasynda maglumatlary işläp taýýarlaýyş merkezlerini döretmek we döwrebaplaşdyrmak ugrunda özara düşünişmek baradaky Ähtnama gol çekildi. Ylalaşykda sanly düzüm ulgamynda halkara standartlaryna laýyklykda we döwrebap tehnologik çözgütleri ulanmak arkaly, ýurduň çäginde täze data-merkezlerini gurmak boýunça bilelikdäki işler göz öňünde tutulýar.

Sanly ulgam ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda, aýratyn-da bilim, saglygy goraýyş, maliýe we ulag ulgamlarynda möhüm orun eýeleýär. Mysal üçin, bilim ulgamynda onlaýn okuw platformalarynyň ornaşdyrylmagy ýaşlaryň döwrebap bilim almagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Şeýle hem saglygy goraýyş ulgamynda elektron saglyk kartalarynyň ulanylmagy lukmançylyk hyzmatlarynyň netijeliligini ýokarlandyrýar.

Innowasion ösüşiň möhüm bölegi hökmünde startap taslamalara hem aýratyn üns berilýär. Ýaş telekeçiler üçin döredilýän mümkinçilikler täze tehnologiýalaryň peýda bolmagyna we olaryň önümçilige ornaşdyrylmagyna şert döredýär. Bu bolsa ýurduň ykdysady kuwwatynyň artmagyna oňyn täsir edýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanda sanly ulgamyň ösdürilmegi innowasion ösüşiň möhüm şerti bolup, ol ýurduň halkara derejesindäki bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Geljekde bu ugurda alnyp barylýan işleriň has-da giň gerime eýe boljakdygyna ynam bildirilýär.

**Medetmuhammet HAJYÝEW,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň dil öwreniş bölüminiň mugallymy.*

# ATLY ÝÖRIŞ BILEN ADYGAN

XX asyrda halkymyzyň durmuşynda uly orun alan, unudylmajak, buýsançly wakalaryň biri-de Aşgabat-Moskwa atly ýörişidir. Üstünden 91 ýyl geçen bu ýöriş milli atçylyk pudagynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. 4300 kilometre barabar bolan atly ýöriş 1935-nji ýylyň 30-njy maýynda başlanyp, şol ýylyň 21-nji awgustynda, bellenen meýilnamadan üç gün öň tamamlanýar. Segsen dört gün dowam eden ýörişe ýurdumyzyň dürli künjeklerinden tejribeli seýisleriň, çapyksuwarlaryň otuz sanysy gatnaşýar. Şolaryň biri hem Aktelpek Nagymowdyr. Ol 1896-njy ýylyň 22-nji martynda Daşoguzda çarwa maşgalasynda dogulýar. 1903-1910-njy ýyllar aralygynda medresede we ýerli rus mekdebiniň binýadynda hereket eden ilkinji mekdepde başlangyç bilim alýar. 1911-1934-nji ýyllar aralygynda çöl ekspedisiýalaryň ýolbeledi, arassa ganly tohum atlary ösdürip ýetişdirmegiň milli aýratynlyklary, at idetmegiň görnüşleri, tohumçylyk ugurlary boýunça bilermen-tälimçi ýaly işlerde zähmet çekýär.

Aktelpek Nagymow hemişe uzyn jäheklenen gyrmyzy donly, tahýaly, ak silkme telpekli, çakan reňkli bedewli gezensoň, il içinde oňa Annamät mürze, Annamuhammet mergen, Anna pälwan hem diýlipdir. Ol halk köpçüligine özüni sagdyn, pähimli pikirlenýän, päk ýürekli, sypaýy, sabyrly we kämil durmuş tejribeli jepakeş ynsan hökmünde tanadypdyr. Aktelpek 1936-1937-nji ýyllarda Aşgabatda ýer-suw, ýol ugurlaryndan hünärmenleri taýýarlaýan mekdebiň gysga wagtlaýyn okuwyny tamamlaýar. 1938-1943-nji ýyllar aralygynda Köneürgenç etrabynyň ýol gurluşyk bölüminiň müdiri, 1944-1951-nji ýyllar aralygynda Köneürgenç etrabynyň suw hojalyk edarasynyň başlygynyň orunbasary, 1952-1954-nji ýyllarda «Akderýa» maldarçylyk fermasynyň müdiri, 1955-nji ýyldan soňra ömrüniň ahyryna çenli «Akderýa» we Näzli Gylyjow adyndaky geňeşlikleriniň arçyny, arçynyň orunbasary wezipelerinde zähmet çekipdir. Aktelpek Nagymow



1935-nji ýylda Aşgabat-Moskwa atly ýörişine gatnaşan Daşoguz toparyna ýolbaşçylyk edýär. Ol bu taryhy ýörişe «Garagär» atly bedewi bilen gatnaşýar. Toparyň düzüminde Garaşsyzlyk (şol wagky Ýylanly) etrabyndan Batyr Gazakow, Görogly etrabyndan bolsa Babajan Şükürow, Akmämmet Babaýew, Esen Hydyrow we Gurbandurdy Amanow ýaly edermen gerçekler bolupdyr.

Ýörişiň dowamynda oňa toparyň düzüminde ýaşuly nesliň wekili, ezber yzçy, mergenlikde, howanyň ýagdaýyny öňünden çaklamakda, süýji suwly guýulary daş menzillerden saýgarmakda, keseliň başlangyç derejelerini gyssagly bilmekde, ýabany haýwanlary awlamakda, eldekileşdirmekde, ýüzmekde, synçylykda meşhurlyk gazanan ussat, dürli agyrlykdaky daşlary götermekde, zyňmakda, uzynlygyna, beýiklige bökmekde ýokary görkezijileri bilen tapawutlanan berdaşly türgen, öňdebaryjy halypa hökmünde uly hormat goýlupdyr. Dünýä metbugatynda ýörişe gatnaşan türkmen gerçekleriniň edermenligi, dürli kyn tebigy we howa şertlerini ýeňip, ýagny ümmülmez rus tokaýlaryny, giň gazak sähralaryny böwsüp geçen merdanalygy, atlarynyň ýyndamlygy, duýgurlygy, çydamlylygy hem-de üşükli häsiýetleri barada «jadyly bedewleriň stahanowçylary», «taryhyň sahypalarynda täzelikleri dörediji beýik halkyň gahrymanlary», «raýdaşlygy, dostlugy we ýeňişleri dabaralandyryjy senetkärler» diýlip beýan edilipdir. 1935-nji ýylyň 26-njy awgustynda Aktelpek Nagymow bu taryhy ýörişe gatnaşandygy üçin «Gyzyl Ýyldyz» ordeni, altyn sagat, Hormat haty bilen sylaglanypdyr. Edermenligiň, gaýduwsyzlygyň we gahrymançylykly hereketleriň nyşany hökmünde oňa «Aşgabat – Moskwa atly ýörişine gatnaşan Aktelpek Nagymowa. 22.08.1935ý.» diýen ýazgyly ýadygärlik sowgat berlipdir.

Atly ýöriş bilen adygan Aktelpek Nagymow 1964-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda aradan çykýar. 1966-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda şol wagtky TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň karary bilen, taryhy wakalary hatyralamak we jemgyýetçilik-syýasy medeniýetiň gülläp ösmegine aýratyn uly goşant goşan görnükli jemgyýetçilik işgärleriň adyny ebedileşdirmek maksady bilen dogduk obasyna Aktelpek Nagymowyň ady dakylýar.

Ýurdumyzda halypa-şägirtlik mekdebini kämilleşdirmäge uly goşant goşan, halk bilen bagry badaşan şahsyýetleriň ömrüni we döredijiligini, taryhy hyzmatlaryny öwrenmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun!

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# GARAŞSYZLYK – ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Medeniýet we bilim ulgamlarynda hem uly üstünlikler gazanylýar. Täze mekdepler, ýokary okuw mekdepleri, kitaphanalar we medeniýet merkezleri gurlup, ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, ýokary bilimli bolup ýetişmegine giň mümkinçilikler döredilýär.

Ýurdumyzda halkara giňişliginde hem işjeň syýasat alnyp barylýar. Parahatçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat netijesinde dünýä döwletleri bilen netijeli gatnaşyklar rowaçlanýar. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi bu gatnaşyklarda möhüm orny eýeleýär.

«Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlarynyň, 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralarynyň, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurlup ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň esasy wakalaryna öwrüler. Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlarda we paýtagtymyzda ençeme desgalardyr binalaryň gurluşygyna badalga berler. Şeýle hem birnäçe desgalaryň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. Ýagny şu ýyl Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary – Türkmenabat bölegi, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda täze, döwrebap oba, Gyzylarbat etrabynda köpugurly elektrik stansiýasy, Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumy ulanmaga berler. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary dabaraly açylar. Ýurdumyzyň mundan beýläk-de depginli ösüşini saklamak, maýa goýum işjeňligini yzygiderli üpjün etmek, täze iş orunlaryny döretmek, raýatlaryň durmuş taýdan goraglylygyny berkitmek, ilatyň durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin oňyn şertleri üpjün etmek bolsa, Garaşsyz Watanymyzyň durmuş ugurly döwlet syýasatynyň strategik maksatlary bolmagynda galýar.



Garaşsyzlygyň 35 ýyllygy diňe bir geçen ýolumyzyň mysaly bolman, eýsem, geljege uly ynamyň nyşanydyr. Halkymyz öz Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletiniň ösüşine goşant goşmagy dowam edip, täze üstünliklere ýetmek ugrunda yhlasly zähmet çekýär. Goý, Garaşsyz Türkmenistanyň ösüş ýoly hemişe rowaç bolsun! Goý, halkymyzyň abadançylygy we bagtyýar durmuşy barha berkesin!

**Aýnur REJEPOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# UNIWERSITETIMIZDE LU BAN USSAHANASY ÖZ IŞINE BAŞLAÝAR

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk häzirki wagtda ählitaraplaýyn strategik häsiýete eýe bolmak bilen, uly ösüşlere beslenýär. Şu ýyl Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky giň gerimli gaz hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyna 20 ýyl doldy.

2023-nji ýylda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň Pekinde bolan ýokary derejeli gepleşikleriniň netijesinde Türkmenistanda Lu Ban ussahanasynyň işini ýola goýmak we ylym ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmek baradaky taslama badalga berildi. Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde Lu Ban ussahanasynyň döredilmegi iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň özara düşünişmek we öňdengörüjilikli syýasatlary esasynda mümkin boldy.



2024-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda Türkmenistanda Lu Ban ussahanasyny döretmek maksady bilen, Hytaý Halk Respublikasynyň Sian şäherinde Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti bilen Sian nebit uniwersitetiniň, Hebeý nebit hünär-tehniki uniwersitetiniň, Hytaýyň milli nebitgaz korporasiýasynyň (CNPC) hem-de Hytaýyň bilim ulgamynda halkara alyş-çalyş assosiasiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama baglaşyldy. Ähtnamanyň maksady Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde Lu Ban ussahanasyny döretmek we işini ýola goýmak, «Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegleri» hem-de «Maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (nebitgaz pudagynda)» taýýarlyk ugurlary boýunça ýokary derejeli bakalawrlary we magistrleri taýýarlamakdyr.

Hytaý Halk Respublikasy nebitgaz pudagyny ösdürmekde Türkmenistanyň öňden gelýän ygtybarly hyzmatdaşlarynyň biri hasaplanýar. Ýeri gelende bellesek, «Lu Ban ussahanalary» 2500 ýyl mundan ozal ýaşap geçen meşhur hytaýly oýlap tapyjy Lu Banyň adyny göterýär. Ol öz döwründe häzirki günlerde-de giňden ulanylýan iş gurallarynyň köpüsini döredipdir. Häzire çenli Aziýanyň, Ýewropanyň, Afrikanyň onlarça ýurdunda şeýle okuw merkezleri üstünlikli hereket edýär. Türkmenistanda Lu Ban ussahanasy 2026-njy ýylyň aprel aýynda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň çäginde dabaraly ýagdaýda açylar hem-de öz işine başlar. Bu taslama Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda bilim ulgamynda gatnaşyklary berkitmek arkaly ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşi üçin zerur hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilendir.

**Sylap ATAMYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Senagat gurluşygy we geodeziýa kafedrasynyň mugallymy.*

## EDEBIÝAT

*W.A.Suhomlinskiý: «Kitap okamak diňe bir güýmenje däl-de, eýsem, zähmetdir, döredijilikdir, ruhy dünýäňi we erk-islegiňi kämilleşdirmekdir».*

# «ULY KITAP-2026»: DALAŞGÄRLER BELLI BOLDY

«Uly kitap» milli edebi baýragyna Russiýanyň 81 ilatly nokadyndan, şeýle hem, 14 ýurtdan awtorlar dalaşgär boldy. 20-nji möwsümde jemi 400 eser hödürlendi» diýip, «Uly kitabyň» metbugat gullugy habar berdi. Arhangelsk, Soçi, Kaliningrad, Wladiwostok we Russiýanyň beýleki şäherleriniň ýazyjylarynyň işlerinden başga-da, Belarus, Bolgariýa, Germaniýa, Gruziýa, Gazagystan, Kamboja, Kanada, Moldowa, Portugaliýa, ABŞ, Özbegistan, Fransiýa we Ekwador ýaly ýurtlaryň awtorlarynyň kitaplary hödürlendi.



Metbugat gullugynyň bellemegine görä, gatnaşyjylaryň arasynda hem giňden tanalýan awtorlar, hem-de özlerini «Liseý» baýragynda tanadan ýaş ýazyjylar bar. Eserleri Russiýanyň neşirýatlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, sebitara ýazyjylar guramalary, edebi žurnallar we agentlikler, şeýle hem neşirýat gulluklary, ýazyjylyk ussatlygy mekdepleri we Edebi akademiýanyň agzalary hödürlediler. Hödürlenýänleriň (nominatorlaryň) sany 100-den geçdi.

«Uly kitap» baýragyna hödürlenen ähli eserlere baýragyň Bilermenler geňeşi seredýär. Bu ýyl onuň düzümine ýazyjylar we tankytçylar girip, kyssaçy, şahyr, dramaturg Dmitriý Danilow oňa başlyklyk edýär» diýip, metbugat gullugy habar berdi. Geňeş dalaşgärleriň «uzyn sanawyny» (long-list) düzer we ol 21-nji aprelde metbugat maslahatynda yglan ediler. Finalçylar bolsa 3-nji iýunda yglan ediler. Baýragyň ýeňijilerini Edebiýat akademiýasy kesgitlär, dekabr aýynyň başynda bolsa dabaraly baýrak gowşurylyş çäresi geçiriler.

# TOLSTOÝYŇ ÝUWLUGY RUSSIÝANYŇ RAÝATY BOLDY

3-nji aprelde Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň gol çekmegi bilen meşhur ýazyjy Lew Tolstoýyň Swesiýada doglan ýuwlugy Daniil Tolstoýa Russiýanyň raýatlygy berildi. Resmi hukuk maglumatlary portalynda çap edilen bu Permana laýyklykda, ýazyjynyň ogly Lew Lwowiçiň neslinden bolan Daniil Tolstoý bilen bir hatarda, kanadaly we fransiýaly beýleki taryhy şahsyýetleriň nesillerine hem Russiýanyň pasporty berildi. Daniil 1972-nji ýylda Swesiýada dünýä inip, onuň maşgalasy ol ýere 1917-nji ýylda göçüp barypdyr.



«Ýasnaýa Polýana» muzeý-goraghanasynyň wekilleriniň bellemegine görä, Daniil Tolstoý her ýyl geçirilýän däp bolan «Tolstoýlaryň gurultaýyna» işjeň gatnaşýar.

Daniil Tolstoý diňe bir maşgala köklerine wepaly bolman, eýsem, Russiýada işewürlik gatnaşyklaryny hem ösdürýär. Ol 2016-njy ýylda şwed kompaniýasynyň wekili hökmünde Tula sebitinde ekologik agrobiznes açmak boýunça gepleşik geçirip, Wenýow raýonyndan 6 müň gektar ýer satyn aldy. Muzeýiň direktory Ýekaterina Tolstaýanyň aýtmagyna görä, Daniil Russiýanyň tebigatyny we medeniýetini gaty gowy görýär hem-de bu söýgini öz gyzy Nastýa hem geçiripdir. Bu raýatlyk bermek çäresi Russiýanyň 2012-nji ýyldan bäri alyp barýan syýasatynyň, ýagny rus dilini bilýän we kökleri 1917-nji ýylyň rewolýusiýasyndan öňki döwre uzaýan nesilleri ýurda çagyrmak maksatnamasynyň bir bölegidir.




**SÖZSÜZ DÜŞÜNIŞMEK**

Ýigit heniz el hasasyna öwrenişmändi. Awtobusa münmek üçin kynçylyk çekýärdi, üstesine awtobusdaky ähli ýolagçylaryň nazary oňa gönügipdi.

Utanmakdan ýaňa gara der bolan ýigit awtobusyň basgançaklaryna münmäge jan edýärdi. Birdenkä sürüji kellesini penjireden çykaraga-da ýoluň garşy tarapyna haýran galyjylyk bilen seretmäge başlady. Ony gören ýolagçylar ýigide seretmegini bes edip, bilesigelijilik bilen ýoluň garşy tarapyna seretdiler. Emma hiç kimiň gözüne üýtgeşik zat görünmedi.

Ýigidiň awtobusa münüp, jaýlaşykly ýerleşenini gören sürüji awtobusy sürüp ugrady.

Ýolagçylar sürüjini haýran galdyran zadyň nämedigini bilip bilmediler. Ýigit bilen sürüji bolsa aýnada biri-birine ýylgyrmak bilen düşünişdiler.

**GIRDEJI NIREDE?**

Ençeme ýyllardan bäri çaýhananyň eýesi girdeji hasap-hesibini özüçe ýöredýärdi. Pul salynýan çekmäniň sag tarapyndaky gutujyga alynmaly harytlaryň pulunу, gündelik girdejini çekere, tölenen dürli tölegleriň çeklerini hem çep tarapdaky gutujyga salyp goýýardy.

Çaýhana eýesiniň körpe ogly söwda ugrundan okap, ýokary bilimli hasapçy bolansoň, kakasynyň hasap ýöredişine ilk-ä haýran galdy, soňam onuň iş ýöredişine öz ýanyndan nägile boldy. Ahyry bir gün:

– Kaka, girdeji-çykdajyňy ýöredişiňe hiç düşünip bilemok. Arassa girdejiňi nädip hasaplaýarsyň? – diýip sorady. Onda kakasy:

– Gulak as, oglum. Şu ýere ilki gelenimde bar baýlygym egnimdäki paltomdy. Bu gün agaň lukman, sen hasapçy, gyz doganyň mugallym. Ejeň ikimiziň kaşaň awtoulagymyz, şäherde hem obada öýümiz bar. Işimiz şowly gidip dur, hiç kime bergimiz ýok. Şolary jemle-de, egniňdäki paltony aýyr, şonda girdejini bilersiň – diýýär.

Aslynda, hakyky girdeji noldan başlap, nirelere ýetendigiňdir. Ýyllar geçse-de könelmeýän we gymmatyny ýitirmeýän ýeke-täk hasap ynsanyň öz yzynda goýan sarsmaz binýadydyr.

**DUŞUŞYK GÜNI**

Synpdaşlar uçurym bolanlaryndan ýigrimi ýyl geçenden soň duşuşdylar. Olar mekdepde okan döwürlerinde bolup geçen gyzykly başdangeçirmelerini ýatlaşyp uzak oturdylar.

Olaryň biri ikinji synpda okadan surat mugallymyny ýatlap, ondan ömürlik hoşaldygyny, hut şonuň ugrukdyrmagy bilen ýokary okuw mekdebiniň professory bolandygyny, durmuşyndan razydygyny aýdýar.

Agşamara ol mugallymy bilen duşuşýar, olar epesli wagt söhbet edýärler. Hoşlaşyk wagty gelende mugallym:

– Özüm hakynda aýdan ýakymly sözleriň üçin sag bol! Meniň tutuş günümi ýakymly duýgulara beslediň – diýýär.

Şonda okuwçysy oňa şeýle diýýär:

–Ýok, mugallym, gaýtam men sizden hoşal. Siz meniň günümi däl, tutuş ömrümi bagta besslediňiz!

**Terjime eden Jemşit DURDYÝEW,**
*Dänew etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# ZENANLARYŇ ÇEPER EDEBIÝAT BAÝRAGY

Dünýä edebiýatynyň iň abraýly baýraklarynyň biri bolan «Women's Prize for Fiction» (Zenanlaryň çeper edebiýat baýragy) boýunça 2026-njy ýylyň ýeňijisi yglan ediler. Häzirki wagtda bütin dünýäniň edebiýat jemgyýetçiligi 22-nji aprelde yglan ediljek gysga sanawa (shortlist) sabyrsyzlyk bilen garaşýar, sebäbi bu sanaw häzirki zaman edebiýatynyň iň täsirli we öňdebaryjy eserlerini jemleýär. Baýragyň bu ýylky esasy dalaşgärleriniň arasynda Rebekka Makkaý we Salli Runi ýaly kyssa ussatlarynyň atlary bilen bir hatarda, täze garaýyşly ýaş ýazyjylaryň hem gysga sanawa girmegine garaşylýar.

Geçen ýyl bu abraýly baýraga niderlandly ýazyjy Ýael Wan der Wuden özüniň «Amanat» (The Safekeep) atly ilkinji romany bilen eýe bolupdy. Ikinji jahan urşundan soňky döwürde Niderlandlarda bolup geçen wakalar, söýgi, ýitgi we taryhy hakykatlar ussatlyk bilen beýan edilýän bu eser eminleriň ýokary bahasyny almagy başardy. Şeýlelikde, ýazyjy diňe bir uly abraýyň eýesi bolman, eýsem, 30 müň funt sterling möçberindäki pul baýragyny we «Bessi» diýlip atlandyrylýan bürünç heýkeljigi hem aldy.



Ýeri gelende bellesek, baýragyň ylmy-dokumental eserler (Non-Fiction) ugry boýunça 2026-njy ýylyň esasy dalaşgärleri belli boldy. Sanawda dünýä belli ýazyjy Arundati Roý we Liz Dýuset ýaly tanymal žurnalistiň eseri bar.

Bu baýrak 1996-njy ýylda esaslandyryldy. Baýragyň esasy maksady dünýäniň haýsy künjeginde ýaşaýandygyna garamazdan, eserini iňlis dilinde ýazan we Britaniýada neşir eden zenan awtorlara goldaw bermekden ybaratdyr. Otuz ýyla golaý wagtyň dowamynda «Women's Prize for Fiction» diňe bir zenan ýazyjylaryň däl, eýsem, bütin dünýä edebiýatynyň täze ugurlaryny we iň oňat eserlerini kesgitleýän esasy ölçegleriň birine öwrüldi.

# XXI ASYRYŇ EDEBIÝAT ÄLEMI

Şu günki edebiýat dünýäsi diňe bir kitap tekjelerinden ybarat däl-de, eýsem, tehnologiýanyň, emosional gözlegleriň we medeniýetleriň özara gatyşýan uly bir ummanydyr. Şol ummandaky iň esasy akymlara we täzeliklere bilelikde göz aýlalyň.

Şu günki edebiýat dünýäsiniň iň uly täzeligi, yzly-yzyna gelen iki sany uly waka bilen häsiýetlendirilýär. 2024-nji ýylda Koreýa Respublikasyndan Han Ganyň Nobel baýragyny almagy Aziýa edebiýatynyň ruhy güýjüni dünýä äşgär etdi. Onuň yzyndan 2025-nji ýylda wenger ýazyjysy Laslo Krasnahorkainiň bu baýraga mynasyp görülmegi bolsa, edebiýatda çuňňur filosofik we postmodernistik gözlegleriň ýene-de dabaralanýandygyny görkezdi. Bu saýlawlar edebiýatyň diňe bir hekaýa däl, eýsem, ynsan ruhunyň iň çylşyrymly gatlaklaryna baryp ýetýän uniwersal dildigini subut edýär.



Kitaplaryň meşhurlyk ýoly indi diňe bir neşirýat mahabatlaryndan geçmän, okyjylaryň kalbyna barýan has täze we erkin ýollary hem öz içine alýar. «TikTok»-daky «#BookTok» platformasynda okyjylaryň paýlaşýan maslahatlary edebiýat dünýäsiniň ösüşine uly itergi berýär. Bu bolsa edebiýaty has aýdyň görnüşe getirdi.

Edebiýat äleminde iň köp çekişme döredýän mowzuklaryň biri emeli aňdyr. Käbir ýazyjylar ony sýužet gurmakda gural hökmünde ulansa, başga birleri awtorlyk hukugynyň goralmagy ugrunda göreşýär. Ýöne tehnologiýa näçe össe-de, ynsan kalbynyň hakyky duýgusyny we döredijilik uçgunyny döretmek heniz hem diňe adama mahsusdyr. Okyjylar indi diňe öz dillerindäki eserler bilen çäklenmeýärler. Häzirki döwürde Ýaponiýanyň mistik realizmi, Skandinawiýanyň detektiwleri we Gündogaryň filosofik eserleri bütin dünýäde iň köp okalýan eserleriň hataryndadyr. Bu bolsa dünýäniň has-da kiçelip, medeniýetleriň biri-birine has ýakynlaşýandygyny görkezýär.

Şu günki edebiýat diňe bir maglumat akymy däl-de, eýsem, ynsan kalbyny birleşdirýän duýgudaşlyk köprüsidir. Han Ganyň ynsan ykballarynyň iň näzik taraplaryny suratlandyrýan eserlerinden başlap, Laslo Krasnahorkainiň çylşyrymly filosofik eserlerine çenli – edebiýat biziň ruhumyzy täzeleýär. Hatda «#BookTok»-yň şadyýan wideolary hem bu uly dünýäniň bir bölegidir. Kitaplar bizi diňe bir özgermäge däl, eýsem, dünýäniň barha çylşyrymlaşýan keşbine has çuňňur düşünmäge çagyrýar.

**Selbi IMAMOWA,**
*Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň talyby.*

# Paýhaslar

☑ Pul we üstünlik adamy üýtgetmeýär, diňe onuň hakyky ýüzüni açyp görkezýär.
***Will Smit.***

☑ Eger durmuşy öňünden çaklap bolýan bolsady, onda ol gyzyksyz we tagamsyz bolardy.
***Eleanoro Ruzwelt.***

☑ Bagtly durmuşyň syry öz wezipäňe düşünmek we ony ýerine ýetirmekdir.
***Genry Ford.***

☑ Durmuş barada ýazmak üçin, ilki ony ýaşap görmeli.
***Ernest Heminguey.***

☑ Durmuşyň saňa berýän ýaralaryny pähim-paýhasa öwür.
***Opra Winfriý.***

☑ Siziň ýeňileniňiz möhüm däl. Siziň göreşmegiňiz möhümdir!
***Leonid Zorin.***

☑ Durmuşyň hödürleýän taýýar zadyny alma. Öz eliň bilen bir zat gurup, has gowusyna ymtyl.
***Eşton Kutçer.***

☑ Haçan-da bir netijä geleniňizde, şu elmydama ýadyňyzda bolsun: abraý gazanmak üçin onlarça ýyl gerek, emma ony ýykmak üçin bäş minut ýeterlik.
***Worren Baffet.***

☑ Adamzada bolan ynamyňyzy ýitirmäň! Adamzat ummandyr. Ummanyň içine birnäçe hapa damja düşse-de, tutuş umman hapalanmaz.
***Mahatma Gandi.***

☑ Seniň durmuşyňda iň möhüm iki gün bar: biri dünýä inen günüň, beýlekisi bolsa näme üçin dünýä ineniňe düşünen günüňdir.
***Mark Twen.***

☑ Paýhaslylyk adamlaryň gowy häsiýetlerini goldap, erbet häsiýetlerine bolsa sabyrly bolmakdyr.
***Wilýam Somerset Moem.***

☑ Eger alýan zadyň göwnüňden turmasa, berýän zadyňy üýtget.
***Karlos Kastaneda.***

☑ Şowsuzlygyň gaçyp gutulgysyzdygyny bilýänler, köplenç, uly üstünliklere ýetýärler.
***Koko Şanel.***

☑ Eger durmuşyňyz doly gözegçilikde ýaly görünýän bolsa, onda siz şol bir duran ýeriňizde duransyňyz ýa-da gaty haýal hereket edýänsiňiz.
***Mario Andretti.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Ilat sany artar.** 2070-nji ýyllara çenli dünýä ilatynyň sany häzirki 8,3 milliarddan 12,4 milliarda ýetip biler. Flinders uniwersitetiniň alymlary bu ösüşiň tebigy serişdelere we ekologiýa goşmaça agram salyp biljekdigini duýdurýarlar. Gözleglere görä, planetanyň durnuklylygy üçin amatly ilat sany 2,5 milliard adamdyr. Hünärmenler ekologik çökgünligiň öňüni almak üçin energiýa we suw serişdelerini ulanmakda düýpli özgerişleriň zerurdygyny nygtaýarlar.



**Emeli aň bäbekleriň agysyny «terjime edýär».** Täze «Awababy» programmasy 150 müň ses ýazgysy esasynda çaganyň 11 sany ýagdaýyny (ajykmak, agyry we ş.m.) anyklamaga kömek edýär. Aprel aýyndan başlap, Misima şäherindäki maşgalalar üçin bu hyzmat mugt elýeterli boldy. Ulgam ene-atalara bäbegiň isleglerine has parahat we dogry çemeleşmäge mümkinçilik berýär.



**Gökdiräniň gurluşygyna başlandy.** Gazagystanyň Alatau şäherinde 272 metr beýiklikdäki «Alatau Iconic» gökdiräniniň gurluşygyna başlandy. Seýsmiki taýdan berk we energiýa tygşytlaýjy ulgamlar bilen enjamlaşdyrylan bina sebitiň iň belent desgasy bolar. Taslama ofisleri, ýaşaýyş jaýlaryny we medeni meýdançalary öz içine alyp, dizaýny Zailiý Alataunyň buzluklaryndan ylham alnypdyr.



**15 müň ýyllyk dostluk.** Londonyň Tebigy taryh muzeýiniň alymlary iň gadymy öý itiniň süňküni (Gof gowagy) seljerip, olaryň adam bilen, azyndan, 15 müň ýyl ozal dostlaşandygyny subut etdiler. Galyndylaryň DNK we himiki derňewi haýwanlaryň eýýäm şol döwürde adamlar bilen meňzeş iýmitlenendigini we dünýä ýaýrandygyny görkezdi. Bu täze maglumat itleriň eldekileşdirilme döwrüniň öňki çaklamalardan 5 müň ýyl ir başlandygyny tassyklaýar.



**Elektroulag meýilnamalary yza çekildi.** Dünýäniň 12 sany iri awtoöndürijisi («Honda», «Mercedes-Benz», «Ferrari» we ş.m.) benzinli ulaglara islegiň ýokarylygy hem-de döwlet ýeňillikleriniň ýatyrylmagy sebäpli doly elektroulaglara geçmekden saklandylar. «Financial Times»-yň habaryna görä, bu strategiýa üýtgeşmesi pudaga 75 milliard dollar ýitgi getirdi. Kompaniýalar indi esasy ünsüni gibrid we adaty ýangyçly modelleri saklap galmaga gönükdirýärler.



**Kwant nawigasiýasy synag edildi.** Britan inženerleri dünýäde ilkinji gezek otlularda hemra signalyna mätäç bolmazdan işleýän kwant nawigasiýa ulgamyny (RQINS) üstünlikli synagdan geçirdiler. GPS-den tapawutlylykda, tunellerde-de bökdençsiz işleýän bu duýgur tehnologiýa geljekde demir ýol düzümini kämilleşdirmegiň we çykdajylary azaltmagyň esasy guralyna öwrüler.



**Innowasiýa merkezi gurulýar.** Saud Arabystany dünýäniň ilkinji täjirçilik maksatly bolmadyk şäheri bolan «Misk City»-de 38 müň inedördül metr meýdany eýelejek «Ilmi» ylmy-barlag merkeziniň gurluşygyny dowam edýär. «Vision 2030» maksatnamasynyň çäginde ýaş zehinleri we innowasiýalary goldamaga gönükdirilen bu döwrebap desganyň gurluşygyny 2027-nji ýylyň ikinji çärýeginde tamamlamak meýilleşdirilýär.



# BMG-niň BAŞ SEKRETARLYGYNA DALAŞGÄRLER

Birleşen Milletler Guramasynyň häzirki Baş sekretary Antoniu Guterrişiň ygtyýarlyk möhletiniň şu ýylyň ahyrynda tamamlanýandygy sebäpli, guramanyň täze ýolbaşçysyny saýlamak işleri dowam edýär.

Dalaşgärleriň arzalaryny kabul etmek tapgyry tamamlanyp, häzirki wagtda bu jogapkärli wezipä dört sany esasy dalaşgär öňe sürüldi.

BMG-niň geljekki Baş sekretaryna çylşyrymly wezipeler garaşýar. Guramanyň dünýäde emele gelen maliýe kynçylyklaryna garşy netijeli çäreleri görmek we halkara şertlere laýyklykda giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmak meýilnamalary täze ýolbaşçynyň öňünde duran esasy ugurlaryň biri bolar.



Häzirki wagtda resmi taýdan dört adam – iki erkek we iki zenan dalaşgär hasaba alyndy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň häzirki başlygy Annalena Berbok bu wezipä zenan maşgalanyň saýlanmagyny öňe sürýär. Berbok fewral aýynda Ženewada guralan adam hukuklary boýunça maslahatda «Biziň gulluk etmeli dünýä ilatynyň ýarysy zenanlar bolsa-da, nähili bolup 80 ýylyň dowamynda bir gezek hem aýal maşgala Baş sekretar wezipesine saýlanmady?» diýen sowaly orta atdy.

**Dalaşgärler.** Çiliden bolan 74 ýaşly Mişel Baçelet Çiliniň ilkinji zenan döwlet Baştutany. Baçeletiň Birleşen Milletler Guramasynyň işinde hem uly tejribesi bar. Ol ozal BMG-niň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissary wezipesinde işledi we «BMG-zenan» atly aýal-gyzlaryň hukuklaryny goraýjy gurama ýolbaşçylyk etdi. Baçeletiň dalaşgärligi Braziliýa we Meksika tarapyndan öňe sürüldi.

Argentinadan bolan 65 ýaşly Rafael Grossi Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (MAGATE) ýolbaşçysy. Bu wezipede hünärmen eýýäm köp ýyllaryň dowamynda bütin dünýädäki ýadro maksatnamalaryna gözegçilik edýär we ýadro howpsuzlygy üçin jogap berýär. Grossiniň dalaşgärligi öz ýurdy Argentina tarapyndan öňe sürüldi.

Kosta-Rikadan bolan 70 ýaşly Rebeka Grinspan ykdysatçy we Kosta-Rikanyň öňki wise-prezidenti. Ol BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň Baş sekretarydyr. Onuň dalaşgärligini öz ýurdy Kosta-Rika öňe sürdi.

Senegaldan bolan 64 ýaşly Maki Sall uzak wagtlap Senegalyň Prezidenti wezipesini eýeledi. Ol bu wezipede işlän döwründe, esasan, infrastruktura ösüşine we syýasy durnuklylygyň üpjün edilmegine üns berdi. Onuň dalaşgärligi Burundi tarapyndan öňe sürüldi.

Interaktiw onlaýn-dialoglar ýakyn günlerde geçiriler we onuň dowamynda dalaşgärler öz maksatnamalaryny hödürläp, BMG-ä agza döwletleriň soraglaryna jogap bererler. Iýul aýyndan başlap, Howpsuzlyk Geňeşinde dalaşgärleriň haýsy hem bolsa biri weto bökdenjine duçar bolman, sesleriň agramly bölegini alýança birnäçe gezek ses berişlik geçiriler. Jemleýji tapgyr hökmünde, täze belleniljek adam Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanmalydyr. Netijelere güýzüň başlarynda garaşylýar.

# Mýanmanyň Prezidenti boldy

Mýanmanyň parlamenti ýurduň öňki wagtlaýyn Prezidenti we Ýaragly Güýçleriniň Baş serkerdesi Min Aun Hlaýny resmi taýdan döwlet Baştutanlygyna saýlady. 3-nji aprelde bolup geçen bu saýlaw, 2025-2026-njy ýyllaryň parlament saýlawlaryndan soňra hökümetiň doly kemala gelmegini şertlendirýär we 2021-nji ýyldan bäri dowam edip gelýän geçiş döwrüni tamamlaýar. Saýlawlaryň netijesinde harby güýçler tarapyndan goldanylýan Bileleşik agzybirligi we ösüş partiýasy ýeňiş gazanyp, täze syýasy tapgyryň başlanmagyna ýol açdy.

Min Aun Hlaýn 2021-nji ýylyň fewralynda häkimiýete geldi. Şondan bäri ol Döwlet dolandyryş geňeşine we wagtlaýyn hökümete ýolbaşçylyk edip, 2024-nji ýylyň iýulyndan bäri wagtlaýyn Prezidentiň wezipesini ýerine ýetirýärdi.

Hünär derejesi boýunça ýokary serkerde (senior general) bolan Min Aun Hlaýn ömrüniň 40 ýyldan gowragyny harby gulluga bagyşlady. Ol 1956-njy ýylda Tawoý şäherinde dünýä indi, Ýangon uniwersitetinde hukuk bilimini aldy we Goranmak gullugynyň akademiýasyny tamamlady. Harby ýolunda wzwod serkerdesinden



başlap, 2011-nji ýylda ýurduň Ýaragly Güýçleriniň Baş serkerdesi wezipesine çenli ýol geçdi.

Min Aun Hlaýn maşgalaly, buddizm dinine uýýar. Ol Mýanmanyň iň ýokary döwlet sylaglaryna, şeýle hem Russiýanyň we Tailandyň birnäçe abraýly orden-medallaryna mynasyp boldy.

# Mongoliýanyň täze Premýer-ministri

Nýam-Osoryn Uçral Mongoliýanyň 35-nji Premýer-ministri wezipesine bellendi. Onuň dalaşgärligini häkimiýet başyndaky Mongoliýanyň halk partiýasy (MHP) öňe sürdi. 126 orunlyk Beýik döwlet huralynyň (parlamentiň) plenar mejlisine 107 deputat gatnaşdy we olaryň 82,2 göterimi Uçraly goldady.



Ýatlap geçsek, mundan ozalky Premýer-ministr Gombožawyn Zandanşatar 27-nji martda öz islegi bilen wezipesinden çekilipdi. MHP-niň başlygy Uçral 30-njy marta çenli parlamentiň spikeri wezipesini hem eýeleýärdi. Syýasatçy Premýer-ministrlige dalaşgär hökmünde görkezilenden soň, bu wezipesinden çekildi.

Nýam-Osoryn Uçral Mongoliýanyň syýasy durmuşynda iň täsirli ýaş syýasatçylaryň biri hasaplanýar. Ol häzirki wezipesine bellenmezinden ozal, ýurduň Sanly ösüş we aragatnaşyk ministri wezipesinde işläp, Mongoliýanyň döwlet hyzmatlaryny sanlylaşdyrmakda uly işleri bitirdi. Şeýle hem ol bilim ulgamynda hukukçy we dolandyryjy hökmünde tanalýar.

Uçralyň hökümetine ýurduň ykdysady durnuklylygyny saklamak we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek ýaly jogapkärli wezipeler garaşýar. Bilermenleriň pikirine, täze Premýer-ministr esasy ünsüni parahorluga garşy göreşe, energetika pudagynyň özgertmelerine we goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirer.

Onuň parlament tarapyndan goldanylmagy, ýurtda syýasy durnuklylygyň dowam etjekdiginiň alamaty hökmünde baha berilýär. Uçral Mongoliýanyň «Vision 2050» ösüş maksatnamasynyň işjeň tarapdary bolup, ol ýurdy modernizasiýa etmegi wada berýär.




# HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE TAPGYRY

**Ýewropa Bileleşigi Afrika yklymy bilen gatnaşyklarynda adaty ösüş kömegini bermek tejribesinden maýa goýum hyzmatdaşlygyna esaslanýan täze modele geçýär. Bu strategiýa global bäsdeşligiň artýan şertlerinde Ýewropanyň sebitdäki ykdysady ornuny saklamaga we hyzmatdaşlygy täze hakykatlara uýgunlaşdyrmaga gönükdirilendir. Afrika tarapy hem bu täze formatyň goranmak, tehnologiýa we energetika ýaly ugurlarda ösüşi çaltlandyrmaga ýardam etjekdigini belleýär.**

**Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy Kaýa Kallas Nigeriýa we Gana sapar edip, strategik hyzmatdaşlygyň çäklerinde birnäçe ylalaşyklara gol çekdi. Ganada ilkinji gezek howpsuzlyk we goranmak baradaky hyzmatdaşlyk şertnamasy baglaşyldy. Nigeriýada bolsa saglygy goraýyş, oba hojalygy we sanly infrastruktura taslamalaryny goldamak üçin 288 million ýewro möçberinde serişde goýbermek barada ylalaşyldy. Bu çäreler sebitdäki täze ýagdaýlary nazara alyp, özara hyzmatdaşlygy has-da kämilleşdirmäge ýardam edýär.**

**Energetika howpsuzlygy hem bu hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Halkara gatnaşyklaryndaky soňky ýyllarda ýüze çykan ýagdaýlar we global energetika bazaryndaky üýtgeşmeler sebäpli, Afrikanyň Ýewropa üçin strategik ähmiýeti has-da artdy. Häzirki wagtda Italiýanyň tebigy gaza bolan isleginiň 30 göteriminden gowragy Alžir tarapyndan üpjün edilýär, Nigeriýa bolsa Günorta Ýewropa ýurtlaryna esasy gaz üpjünçisi bolmagynda galýar. Ýewropa Parlamentiniň wekilleri Afrikadaky durnuklylygyň we ykdysady ösüşiň Ýewropanyň abadançylygy bilen göni baglydygyny nygtaýarlar. 2024-nji ýylyň netijeleri boýunça ÝB bilen Afrikanyň arasyndaky söwda dolanyşygy 355 milliard ýewro deň boldy.**

# GÖNI HOWA GATNAWY ÝOLA GOÝLAR

Mekgede ýakyn geljekde täze howa menziliniň gurluşygy meýilleşdirilýär. Howa menziliniň we metro ulgamynyň gurluşyk meýilnamalary her ýyl Mekgä gelýän köp sanly zyýaratçylaryň barmagyny aňsatlaşdyrmaga we musulmanlaryň mukaddes şäheriniň içindäki hereketi ýeňilleşdirmäge gönükdirilendir.

Mekge şäheri we mukaddes ýerler boýunça Patyşalyk komissiýasynyň (RCMC) baş direktory Saleh al-Raşid bu meýilnamalary «Harvard Business Review Arabia» neşirine beren interwýusynda tassyklady.

Howa menziliniň we metro ulgamynyň gurluşygy Mekgäniň içindäki hereketi ýeňilleşdirmäge gönükdirilendir. Häzirki wagtda şäheriň öz Halkara howa menzili ýok we daşary ýurtly zyýaratçylaryň köpüsi Mekgeden, takmynan, 100 kilometr uzaklykda ýerleşýän Jiddedäki Patyşa Abdulaziz adyndaky Halkara howa menziliniň üsti bilen gelýärler. Mekgäniň daglyk ýerleri howa gatnawyny kynlaşdyrýar: ol turbulentli zolaklary döredýär, gonuşy kynlaşdyrýar we görnüş hem-de howa şertleri bilen bagly kynçylyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolup bilýär.

Al-Raşid şeýle hem eýýäm tehniki-ykdysady esaslandyryş tapgyryndan geçen «Mekge metrosy» taslamasyny durmuşa geçirmek baradaky meýilnamalary habar




berdi. 2022-nji ýylda Mekgede awtobus gatnawlarynyň ýola goýulmagy bilen, şu güne çenli bu hyzmatdan peýdalanan ýolagçylaryň sany onlarça milliona ýetdi. Statistika baradaky baş müdirligiň (GASTAT) maglumatlaryna görä, geçen ýyl Saud Arabystany dürli giriş nokatlary arkaly daşary ýurtdan haj zyýaratyna gelen 1,5 milliondan gowrak daşary ýurtly zyýaratçyny kabul etdi. Umumylykda, zyýaratçylaryň sany 1,6 million adamdan geçdi.

2024-nji ýylda GASTAT-yň haj boýunça statistikasyna görä, Ýewropadan, Amerikadan, Awstraliýadan we beýleki ýurtlardan gelen zyýaratçylar syýahatçylaryň 3,2%-ini düzdi.

Her ýyl gurulýan zyýarat, zerur maliýe serişdeleri we fiziki mümkinçilikleri bolan musulmanlar üçin bir gezeklik parzdyr. Haj zyýaraty täze Aýyň görünmegi bilen baglylykda 5-6 gün dowam edýär we yslam senenamasyna görä zil-hijje aýynda berjaý edilýär.

# Wýetnamyň Premýer-ministri saýlandy

Wýetnamyň paýtagty Hanoý şäherinde geçirilen Milli ýygnagyň 16-njy çagyrylyşynyň birinji sessiýasynda ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine Le Min Hung saýlandy. Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň sekretary we Merkezi guramaçylyk komitetiniň başlygy bolup işlän Le Min Hunguň dalaşgärligi halk wekilleriniň 495-si tarapyndan biragyzdan goldanyldy. Täze hökümet Baştutany 2031-nji ýyla çenli, ýagny bäş ýyl möhlet bilen bu jogapkärli wezipäni ýerine ýetirer.

VNA döwlet habarlar agentliginiň maglumatyna görä, Le Min Hung dabaraly ýagdaýda kasam kabul edip, Watana, halka we ýurduň Konstitusiýasyna wepaly boljakdygyna, şeýle hem partiýa we döwlet tarapyndan ynanylan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirjekdigine söz berdi. Bu saýlaw ýakynda ýurduň Prezidenti wezipesine To Lamyň saýlanmagyndan soňra, döwlet dolandyryşyndaky



möhüm özgerişlikleriň dowamy boldy.

1970-nji ýylda Hatin welaýatynda dünýä inen 55 ýaşly Le Min Hung, döwlet syýasaty boýunça magistr derejesine eýedir we fransuz dilini kämil bilýär. Ol ozal Wýetnamyň Döwlet bankynyň başlygy bolup işläp, 46 ýaşynda bu edara ýolbaşçylyk eden iň ýaş ýolbaşçy hökmünde taryha giripdi. Şeýle hem ol Kompartiýanyň MK-synyň kanselýariýasynyň müdiri wezipesinde uly tejribe toplady. Täze Premýer-ministr döwlet dolandyryşyndaky baý tejribesi bilen ýurduň geljekki bäş ýyllyk ösüş meýilnamalaryny amala aşyrmaga ýolbaşçylyk eder.

Maliýe ulgamynda uly tejribesi bolan Le Min Hungyň hökümet Başlygy hökmünde esasy ünsüni ykdysady durnuklylyga we sanly özgertmelere gönükdirmegine garaşylýar. Onuň ýolbaşçylygynda ýurduň halkara maýa goýumlaryny çekmek we 2030-njy ýyla çenli bellenen ykdysady maksatlara ýetmek strategiýasy täze badalga alar. Syýasy seljerijiler täze Premýer-ministriň döwrebap dolandyryş ukybynyň Wýetnamyň global bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmakda möhüm boljakdygyny belleýärler.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1912-nji ýylyň 10-njy aprelinde Britaniýanyň «Titanik» laýneri Sautgempton portundan ilkinji we soňky syýahatyna ugrady. Şol döwürde dünýäniň iň uly ýolagçy gämisi bolan bu gäminiň beýikligi 11 gatly jaýa barabardy. 14-nji aprel gijesi laýner Demirgazyk Atlantikada aýsberg bilen çaknyşdy we gark boldy. Diňe 711 adam halas edildi, 1513 adam wepat boldy. Bu pajyga parahatçylyk döwründe bolup geçen taryhdaky iň uly heläkçilikleriň birine öwrüldi.**



# ÝEWROPANYŇ ENERGETIKA GARAŞSYZLYGYNDA GÜNÜŇ ORNY

Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary diňe şu ýylyň mart aýynda Gün energiýasyny ulanmak arkaly ýangyç importyndan 3 milliard ýewro tygşytlamagy başardylar. Halkara bazarynda nebitiň we gazyň bahasynyň rekord derejede gymmatlamagy, «ýaşyl» energiýanyň ähmiýetini has-da artdyrdy. 31-nji martyň maglumatlaryna görä, Brent kysymly nebitiň bahasy 50 göterimden gowrak gymmatlap, bir barreli 107 ýewro ýetdi. Gazyň nyrhy 70 göterim gymmatlady, bu bolsa 2021-nji ýyldan bäri iň ýokary görkezijidir.

«SolarPower Europe» birleşiginiň täze seljermesine görä, 1-nji martdan bäri Gün energiýasy Ýewropa ykdysadyýetine her gün ortaça 100 million ýewrodan gowrak serişde tygşytlamaga mümkinçilik



berdi. Eger gazyň bahasy häzirki ýokary derejesinde galsa, şu ýylyň ahyryna çenli bu tygşytlylygyň 67,5 milliard ýewro ýetip biljekdigi çaklanýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, Gün energiýasynyň hasabyna Ýewropanyň umumy energiýa çykdajylary, takmynan, üçden bir bölek azaldy.

2025-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň taryhynda ilkinji gezek ýel we Gün energiýasynyň paýy gazylyp alynýan ýangyçlardan öndürilýän energiýadan ýokary geçdi. Bu ugurda Awstriýa 90 göterimlik görkeziji bilen liderlik edýär. Ondan soňky orunlary Şwesiýa (88%), Ispaniýa (69,7%) we Daniýa (80%) ýaly ýurtlar eýeleýärler.

Ispaniýa 2019-njy ýyldan bäri Gün we ýel kuwwatlyklaryny iki esse artdyryp, gymmat bahaly gaza bolan garaşlylygyň öňüni aldy. Beýik Britaniýada bolsa 26-njy martda rekord derejede ýel energiýasy öndürilip, ýurduň elektrik zerurlygynyň ýarysyndan gowragy üpjün edildi. Emma muňa garamazdan, hünärmenler soňky on ýylda ilkinji gezek Gün energiýasy bazarynyň gowşap başlamagyndan alada edýärler. «SolarPower Europe» birleşiginiň ýolbaşçysy Walburga Hemetsberger syýasatçylary häzirki çökgünlikden dogry netije çykarmaga çagyrýar. Onuň pikirine, hökümetler diňe bir täze stansiýalary gurmak bilen çäklenmän, eýsem, energiýa torlaryny döwrebaplaşdyrmaly we energiýany saklaýjy ulgamlary giňden ornaşdyrmaly. Diňe täze arassa energiýa taslamalaryny yzygiderli durmuşa geçirmek arkaly, geljekde import edilýän ýangyçlara bolan garaşlylygy doly ortadan aýyrmak we energiýa howpsuzlygyny durnukly saklamak mümkindir.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.



## 17-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Basym, çalt. **2.** Içinde dok mańzy ýok, boş. **3.** Oglan ady. **4.** Haýran galmak. **5.** Günüň dogýan tarapy. **6.** Bent edilen, bagly, daňlan. **7.** Ýewropada bir döwlet. **8.** Arka, ýeňse. **9.** «Bir ... düşse adam serne, Uky gaçyp, köňül urna» (Magtymguly Pyragy). **14.** «... süýji, baldan bala süýji» (nakyl). **15.** Meşhur film «Meniň dostum ...». **16.** Arassaçylykda ulanylýan serişde. **18.** Nesibe, paý. **19.** Garynjanyň bir görnüşi. **20.** Käte, käwagt. **21.** Keýik, jeren. **23.** Zenanlaryň başyna atylýan bejergili üstki geýimi. **24.** Bir zadyň hasabyny ýöretmek üçin mukdar düşünjesi, ululyk. **26.** Ispan aktrisasy ... Lago. **27.** Belli bir wagt aralygynda doly uklap ýatmak ýagdaýy. **30.** Ýaý bilen atylýan, ujy peýkamly uzyn göni çybyk. **32.** Nikanyň bozulýandygy hakynda erkek adam tarapyndan «boş» diýen manyda aýdylýan söz. **34.** Soltan, patyşa. **35.** Isleg, arzuw. **38.** Jübüt san. **40.** Ýer şarynyň merkezinden geçýän we ony iki sany deň bölege bölýän hyýaly çyzyk. **41.** Bir wakany beýan edýän çaklaňrak edebi eser. **43.** Mamla, dürs. **44.** Stol oýny. **47.** Bugly, çisňili tutuk howa gatlagy. **48.** «... eli ýuwar, iki el birigip ýüzi» (nakyl). **49.** Ralli ýaryşynyň simulýatory. **50.** «Geňeşli biçilen ... gysga bolmaz» (nakyl). **51.** Gresiýanyň bir şäheri. **52.** Köpçüligiň öňünde çykyş edilip sözlenýän söz, çykyş. **54.** Beden synasy. **55.** Hasaplaşykdan gaýtarylyp berilýän artyk pul. **56.** Rehim, şepagat. **59.** Belogyň bir görnüşi. **62.** Oglan ady. **65.** ...-pikir. **66.** Gyz ady. **69.** Bir zat inkär edilende aýdylýan söz. **70.** Gyzgylt-mele reňkli at. **72.** «Hatarda ner bolsa, ... ýerde galmaz» (nakyl). **73.** Ownuk bolmadyk. **74.** «Il ... söýener, dag – daga» (nakyl). **75.** Fransuz futbol topary «...-man».

**KESELIGINE:** **1.** Jogaby oýlanyp tapylmaly edilip düzülýän çylşyrymly oýun. **5.** «Badam ... jenanyň, boýlary deraz bolar» (Magtymguly Pyragy). **7.** Miwe. **10.** Alýuminiň, demriň, şonuň ýaly-da aşgarly metallaryň ikili kükürtturşy duzy. **11.** Işlik goşulmasy. **12.** Konditer önümi. **13.** Matalaryň ýygyrtlaryny ýazmak üçin enjam. **15.** Himiki element. **17.** Energiýanyň bir görnüşden başga görnüşe öwrülmegini, ýylylyk we işiň arasyndaky gatnaşyklary öwrenýän fizika ylmynyň bölümi. **20.** Ýeterlik bomadyk. **22.** Dodak (köne söz). **23.** Dessanyň gürrüň görnüşli bölegi. **25.** Hakyky, häzirki. **28.** Bug bilen örtülen howa. **29.** Uly garynly, garny ýasy. **31.** Günüň orta bolýan wagty. **33.** Gözümiziň görüp bilýän elektromagnit şöhlelenmesi. **36.** Adamyň teninde, ýüzünde dogabitdi bar bolan gara ýa-da goňur menek. **37.** Çeýe agaç. **38.** ...-giç. **39.** ...-namys. **40.** Kynçylykdan çykmagyň täri, ýoly, usuly. **41.** «Ala garga ... gelmez, Çopan adam köpe bolmaz» (nakyl). **42.** Oglan ady. **45.** At ýasaýjy goşulma. **46.** Nota. **47.** Türkmen halk ertekilerinde iň meşhur hyýaly gahrymanlaryň biri. **48.** Ekin ekýän adam. **50.** Köpburçlugyň iki sany garşylykly depesini birleşdirýän göni çyzyk. **53.** Limona we pyrtykala meňzeş sitrus miwe. **57.** 100 santimetre barabar bolan uzynlyk ölçeg birligi. **58.** Materik. **60.** Owadan, gözel. **61.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **63.** Miwe. **64.** Robotlaryň gurluşy, önümçiligi we olary dolandyrmak üçin ulanylýan kompýuter ulgamlary bilen meşgullanýan ylmyň we tehnikanyň iň döwrebap ugry. **67.** Kompýuterleriň we enjamlaryň düşünişi ýaly ýazylan buýruklar toplumy. **68.** Awstraliýadaky iň uly köl. **69.** Täk san. **71.** Zyýany ýok, aýby ýok. **72.** Günebakar, zeýtun, künji ýaly ösümliklerden alynýan suwuklyk. **73.** Özüňden kiçi erkek dogan. **75.** Hytaýly aktrisa ... Sin. **76.** Giýew. **77.** Bir zady başga bir zatdan saýhallamak, tapawutlandyrmak. **78.** Eliň iň kiçijik barmagy.

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar. **Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## 12-nji SKANWORD




**Hojageldi JÜMMIÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 18-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Söýget etmek üçin peýdalanylýan agaç. **2.** Amerikan awtomobil kompaniýasy. **3.** Gulpy açýan gural. **4.** «Natriý» himiki elementiniň gysga aňladylyşy. **6.** Ýurdumyzda futbol toparlarynyň biri. **7.** Aňsat, kyn däl (köne söz). **8.** Obalylaryň wekilleri tarapyndan saýlanýan oba häkimi. **10.** Seljuk soltany «Soltan ...». **11.** Eralaryň biri. **16.** Edep-ekram. **18.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **20.** Däneliler maşgalasyna degişli bolup, boýy 20-30 sm. ýetýän ot. **21.** Goý, zyýany ýok. **22.** Aňsat bolmadyk. **23.** Keseliň dermany, çäresi. **24.** Aň-bilim. **25.** Ýewropada bir döwlet. **27.** Gury iýmişiň bir görnüşi. **28.** Gyz ady. **29.** Birini bir zada ynandyryp razy etmek, boýun etmek. **31.** Pygamber. **33.** Tor salgysynyň terjimesi. **36.** Miwe. **38.** Ösümlikleriň maddasyndan taýýarlanylýan iýmit önümi. **40.** Süýüme tow berip, sapak, eriş ediş. **41.** Bir ýurda daşary ýurtdan haryt getiriş. **43.** Eseriň, neşiriň aýratynlykdaky bir kitaby. **45.** Daýhançylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **46.** Haryt satylýan we satyn alynýan ýer. **48.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **50.** Ýurdumyzda bir welaýat. **51.** ...-paýhas. **52.** Sportuň bir görnüşi. **53.** Saz guraly. **58.** Koreýa Respublikasynyň öý enjamlaryny öndürýän kompaniýasy.

**KESELIGINE:** **2.** Italiýanyň awtoulag öndüriji kompaniýasy. **5.** Dagyň kert ýeri. **9.** Film. **10.** Kaliforniýada bir şäher ...-Fransisko. **12.** Bile gezýän birmeňzeş jandarlaryň, guşlaryň topary. **13.** Eliň iç ýüzi. **14.** Ýyl hasabynyň ulgamy. **15.** Okuw esbaby. **17.** Gülüň bir görnüşi. **19.** Ygtyýar, rugsat. **21.** Nahar bişirmek we öýi ýylatmak üçin niýetlenen ýörite gurluş. **23.** Behişt. **26.** Oglan ady. **30.** Himiki element. **32.** Malaýziýanyň pul birligi. **34.** Dilnip ýa-da kesilip alnan bölek. **35.** Güýçli zarba sebäpli titremek, sandyrama. **37.** «...-günterek» oýny. **39.** Materik. **42.** Ölçeg birligi. **44.** Sportuň bir görnüşi. **47.** Bedeniniň arka tarapy tikenli bolan we düýrlenip bilýän jandar. **49.** Merkezi Amerikada bir döwlet. **52.** Ösümligiň ýaprakly çybyjaklar ýaýradýan bölegi. **54.** Ýeterlik bolmadyk. **55.** Braziliýanyň bir şäheri ...-de-Žaneýro. **56.** Akylly, parasatly. **57.** Teleskopyň bir görnüşi. **59.** Dominikiň paýtagty. **60.** Gyzyl reňkli gül. **61.** Önümçiligiň belli bir ugrundan hünäri bolan işçi.

11-nji skanwordyň jogaby:



16-njy krosswordyň jogaby:



# 1-nji duşuşyklarda myhmanlar öňe saýlandy

**UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek final duşuşyklaryna badalga berildi. Çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, 3 oýunda myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy.**

### 25 ýyldan soň Madriddäki ilkinji ýeňiş

● UEFA-nyň bu ýaryşynda iň köp çärýek finala çykan 2 toparyň duşuşygynda «Bawariýa» (24 gezek) myhmançylykda «Real Madridi» (22 gezek) 2-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýnuň 41-nji minutynda Luis Diaz hasaby açdy. 2-nji ýarym başlap, 20 sekunt geçeninden soň Harri Keýn hasaby 2-0-a ýetirdi. Duşuşygyň 74-nji minutynda Kilian Mbappe şu möwsümdäki 14-nji goluny geçirse-de, bu ýeňşe ýetmedi. Şunlukda, «Bawariýa» şu ýaryşda iň köp duşuşan garşydaşy «Real Madridi» 9 oýundan soň ilkinji, umumylykda 12-nji gezek ýeňmegi başardy. Soňky sapar 2012-nji ýylda garşydaşyndan üstün çykan «Bawariýa» 25 ýyldan soň «Real Madridi» «Bernabeu» stadionynda ýeňmegiň hötdesinden geldi. Soňky gezek «Bawariýa» «Realy» Madridde 2001-nji ýylyň maýynda 1-0 hasabynda utupdy. Şol bir wagtyň özünde Harri Keýn hem «Bernabeu» stadionynda ilkinji goluny geçirdi. Duşuşykdan soň «Real Madridiň» futbolçylary 15-nji aprelde geçiriljek jogap duşuşygynda özlerine gerek bolan ýeňşi gazanmaga ynamlarynyň bardygyny bellediler. Duşuşykda «Bawariýanyň» 40 ýaşyndaky derwezeçisi Manuel Noýer 9 «seýw» bilen toparynyň ýeňiş gazanmagyna saldamly goşant goşdy.





### «Arsenalyň» ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär

● Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda ýerli «Sporting» bilen Angliýanyň «Arsenal» topary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Arsenal» 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Iňlis klubuna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 90+1-nji minutda Kai Hawerts derweze girizdi. Şeýlelikde, «Arsenalyň» şu möwsümdäki ýeňlişsiz ýörişi dowam edip, olar 11-nji duşuşygy ýeňlişsiz tamamladylar. Jogap duşuşygy 15-nji aprelde Londonda oýnalar.



### Bu gezek «Atletiko» üstün çykdy

● Çempionlar Ligasyndaky duşuşykdan 4 gün öň çempionatda-da duşuşan «Barselona» bilen «Atletiko Madridiň» şol oýnunda katalonlar myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Bu gezek «Spotify Kamp Nouda» duşuşan toparlaryň bu duşuşygynda madridliler 2–0 hasabynda üstün çykdy. Oýun toparlaryň adaty hüjümleri bilen dowam edýän mahaly, «Barselona» meýdançada 1 oýunçy kem galdy. Duşuşygyň 41-nji minutynda Pau Kubarsi gyzyl kart aldy. Emin ilki sary kartyny görkezse-de, VAR-daky seljermeden soň, kartyň reňki üýtgedi. Jerime meýdançasynyň daşynda bellenen jerime urgusyny bolsa, aýlap tora girizen Hulian Alwares 45-nji minutda hasaby açdy. 2-nji ýarymda-da «Atletiko» ýene bir gol geçirmegiň hötdesinden geldi. Duşuşygyň 70-nji minutynda Aleksander Sörlot tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy. 2-0 hasabynda ýeňiş bilen dolanan «Atletiko Madrid» geljek hepdäniň sişenbe gününde «Metropolitanoda» jogap duşuşygyny geçirer. Bu duşuşykda ýeňiş gazanmak bilen «Atletiko Madrid» ýarym finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. «Atletiko Madridiň» tälimçisi Diego Simeone «Barselonany» ahyry «Kamp Nouda» ýeňmegi başardy. Argentinaly hünärmene bu ýerdäki ilkinji ýeňşi üçin 19 duşuşyk gerek boldy. «Barselona» topary durky täzelenýän «Kamp Nouda» 14 oýundan bäri ýeňilmän gelýärdi. «Atletiko» garşydaşyny Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda ýeňipdi (4-0, 0-3). Ýeri gelende bellesek, iki topar Çempionlar Ligasynda mundan öň 2 gezek çärýek finalda duşuşypdylar we şolaryň ikisinde-de ýarym finala çykan «Atletiko Madrid» bolupdy.





* * *

Kubogyň häzirki eýesi PSŽ öz meýdançasynda «Liwerpuly» kabul edip, 2–0 hasabynda üstün çykdy. Gollary her ýarymda, has takygy, 11-nji minutda Desire Due bilen 65-nji minutda Hwiça Kwarasheliýa geçirdi. Şunlukda, PSŽ topary hem ýarym finala çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe boldy.

**REAL MADRID — BAWARIÝA: 1–2**
/Kilian Mbappe 74 — Luis Diaz 41, Harri Keýn 46/
**SPORTING — ARSENAL: 0–1**
/Kai Hawerts 90+1/
**BARSELONA — ATLETIKO MADRID: 0–2**
/Hulian Alwares 45, Aleksander Sörlot 70/
**PARI SEN-ŽERMEN — LIWERPUL: 2–0**
/Desire Due 11, Hwiça Kwarasheliýa 65/

# Haýsy yklymdan has köp topar gatnaşdy?

DÜNÝÄ KUBOGYNA
62
GÜN GALDY

**Ýene 62 günden başlanjak 23-nji FIFA Dünýä Kubogyna gatnaşýan 48 ýygyndynyň 4-si taryhlarynda ilkinji gezek futbolyň iň uly çäresine wekilçilik ederler. Olar Özbegistanyň, Iordaniýanyň, Kabo Werdeniň hem-de Kýurasaonyň ýygyndy toparlarydyr. Şolary hasaba alanyňda, Dünýä Kubogyna gatnaşan toparlaryň sany 84-e deň bolýar. Mundan öň 80 ýygyndy çykyş edip, olaryň 80-njisi Kataryň ýygyndysy bolupdy.**

kyş etmän, 1978-nji ýyldan bäri yzygiderlilikde azyndan 1 topar wekilçilik edip gelýär. Umumylykda, Aziýa ýurtlarynyň Dünýä Kubogyna wekilçilikleriniň sany 55-e deňdir.

### ÝEWROPA

● Dünýä Kubogyna iň köp ýygyndysy gatnaşan sebit Ýewropa yklymydyr. Häzirki wagtda 55 agzasy bolan UEFA-nyň öňki döwürlerinde hasaba alanyňda, 33 ýygyndysy Dünýä Kubogyna azyndan 1 gezek wekilçilik etdi. Şolaryň biri ozalky Gündogar Germaniýa bolup (1974), ol hem diňe 1 gezek gatnaşdy. Umumylykda, indiki çempionatyda hasaba alanyňda, Ýewropanyň şol 33 wekili jemi 274-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder. Ýewropa toparlarynyň 5-si 22 çempionlygyň 12-sinde çempionlyk gazanýar. Ýewropadan iň köp gatnaşan topar Germaniýa bolup, olar şu wagta çenli diňe 2 ýaryşyň daşynda galdy. 1930-njy hem-de 1950-nji ýyllardaky çempionatlara gatnaşmadyk Germaniýa yzygiderlilikde 19 ýaryşa wekilçilik edip gelýär.













### GÜNORTA AMERIKA

● Günorta Amerikanyň 10 ýurdunyň 9-sy azyndan 1 gezek Dünýä Kubogyna gatnaşyp, şu wagta çenli diňe Wenesuelanyň milli toparyna bu sanawa girmek başartmady. Günorta Amerikanyň wekilleri 1938-nji ýylda 1, 1934-nji we 1954-nji ýyllarda 2, galan ýyllarda azyndan 3 topar ugradýar. 1930-njy ýylda 7, 2014-nji ýylda 6 topary çykyş etse, şu ýylky çempionatda-da Günorta Amerikanyň 6 ýygyndysy gatnaşýar. Bu yklymyň 9 topary jemi 95-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder. Yklymyň 3 ýygyndysy 10 gezek çempionlyk gazanmagy başarýar.

### AZIÝA

● 47 sany assosiasiýa agzasy bolan Aziýa yklymyndan umumylykda 15 ýygyndy Dünýä Kubogynda çykyş edýär. Olaryň biri Ysraýylyň ýygyndysy bolup, ol häzirki wagtda UEFA-nyň agzasydyr. Şol sanda Awstraliýanyň ýygyndysy-da 2006-njy ýyldan soň AFK-nyň agzalygyna geçýär (şol ikisini hasaba almanyňda 13). Aziýada Dünýä Kubogyna gatnaşan ilkinji ýurt Niderlandlaryň Ost-Hindistanydyr. Häzirki Indoneziýa bolan bu ýurt 1938-nji ýylda çempionatda Wengriýadan 6-0 hasabynda utulyp, ýaryşdan çykýar. Başgaça aýdylanda, Indoneziýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda 1 duşuşyk geçiren ýeke-täk topardyr. Aziýanyň adyndan çykyş eden 2-nji topar Koreýa Respublikasynyň ýygyndysydyr (1954). Koreýler 12 gezek gatnaşyp, bu ugurda yklymyň öňdebaryjysy hasaplanýar. Olar 1986-njy ýyldan bäri yzygiderli Dünýä Kubogyna gatnaşyp gelýär. Ýaponiýanyň ýygyndysy 8 gezek bilen 2-nji ýeri eýeleýär we olar 1998-nji ýyldan bäri ýeke çempionaty hem goýbermediler. Eýranyň, Saud Arabystanynyň, 2-si Okeaniýa yklymynyň hasabyna Awstraliýa 7-nji gezek çempionatda çykyş ederler. KHDR-iň, Kataryň, Yragyň ýygyndylary 2, Indoneziýanyň, Ysraýylyň, Kuweýtiň, BAE-niň, Hytaýyň we indiki çempionatyň debýutantlary Özbegistan bilen Iordaniýanyň ýygyndylary üçin bu görkeziji 1-e deňdir. Kataryň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek gatnaşsa, Ýragyň ýygyndysy üçin 40 ýyllyk arakesme şu çempionatda tamamlanýar. Şu ýylky çempionata 9 ýygyndy ugradan aziýalylaryň iň uly başarnygy Koreýa Respublikasynyň 2002-nji ýyldaky dördünjiligidir. Mundan öňki 22 çempionatyň 6-synda Aziýadan ýeke ýygyndy hem çykyş etmän, 1978-nji ýyldan bäri yzygiderlilikde azyndan 1 topar wekilçilik edip gelýär. Umumylykda, Aziýa ýurtlarynyň Dünýä Kubogyna wekilçilikleriniň sany 55-e deňdir.







### AFRIKA

● Afrika yklymyndan şu wagta çenli 13 ýurt Dünýä Kubogyna gatnaşdy. 54 agzasy bolan KAF-yň adyndan Dünýä Kubogyna gatnaşan ilkinji ýurt Müsüriň ýygyndysydyr (1934). Şondan soň 1970-nji ýyldaky çempionata çenli ýeke afrika wekiline-de ýollanma almak başartmaýar. Şu gezekki çempionata 10 topar ugradan KAF mundan öň 2006-njy ýylda iň köp 6 ýygyndy bilen wekilçilik edipdi. Afrikadan Dünýä Kubogyna iň köp gezek gatnaşan Kamerunyň ýygyndysy bu sapar saýlama tapgyrlaryny geçip bilmedi. Olar 8 gezek gatnaşypdylar. Marokko bilen Tunisiň ýygyndylary 7-nji gezek gatnaşsa, bassyr 2 ýaryşyň daşynda galan Nigeriýa 6 sapar çempionatda çykyş etdi. Alžiriň, Gananyň ýygyndylary 5-nji, Müsüriň, Günorta Afrikanyň, Senegalyň, Kot-d'Iwuaryň milli toparlary 4-nji gezek gatnaşsa, Kongo DR-niň milli ýygyndysy 52 ýyldan soň 2-nji sapar Dünýä Kubogynda özüni synar. Olar 1974-nji ýylda Zair ady bilen gatnaşypdylar. Angola bilen Togo çempionata mundan 20 ýyl öň ilkinji gezek gatnaşypdy we bu sapar olaryň hataryna Kabo Werde hem goşulýar. Afrikanyň wekillerinden Marokkonyň ýygyndysy geçen çempionatda 4-nji orny eýeläp, taryhy başarnyk görkezipdi. Afrikanyň 13 ýygyndysynyň umumylykda wekilçilikleriniň sany indiki çempionaty-da hasaba alanyňda 59-a deň bolar.

### DEMIRGAZYK AMERIKA

● Demirgazyk, Merkezi Amerika we Karibler zolagy Ýewropadyr Günorta Amerikadan soň ähli Dünýä Kubogyna wekil ugradan 3-nji yklymdyr. 41 agzasy bolan KONKAKAF-yň 11 ýygyndysy Dünýä Kubogyna adyny ýazdyrmagy başardy. Indiki çempionatyň guramaçysy boljak yklymdan 6 topar wekilçilik eder we bu görkeziji olar üçin rekorda deňdir. Meksika 18-nji, ABŞ 12-nji gezek gatnaşsa, yzly-yzyna 3 ýaryşda çykyş eden Kosta Rika bu sapar daşynda galdy. Gonduras, Kanada 3, Salwador, Gaiti, Panama 2 gezek Dünýä Kubogyna ýollanma aldy. Kanada bilen Gaitiniň ýygyndylary bu çempionatda-da çykyş ederler. Gaitiniň ýygyndysy mundan öň 1974-nji ýylda gatnaşypdy. Kubanyň ýygyndysy häzirlikçe Dünýä Kubogyna 1 gezek gatnaşyp, olaryň wekilçilik edenine şu ýyl 88 ýyl dolýar (1938). Ýamaýka 1998-nji, Trinidad we Tobago 2006-njy ýyldan bäri çempionata gatnaşmak başardanok. Yklymyň kindiwanja ýurtlaryndan Kýurasao taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogy tejribesini başdan geçirer.

### OKEANIÝA

● 11 sany doly agzasy bolan Okeaniýanyň futbol federasiýasyndan (OFK) şu wagta çenli diňe 2 ýygynda Dünýä Kubogyna gatnaşmak miýesser etdi. Olaryň biri Täze Zelandiýa, beýlekisi-de konfederasiýanyň ozalky agzasy, häzir AFK-nyň wekili Awstraliýadyr. Ilkinji gezek bu yklymyň adyndan 1974-nji ýylda Awstraliýa gatnaşýar. 1982-nji ýylda Täze Zelandiýa ilkinji gezek iň uly ýaryşyň şaýady bolýar. Awstraliýa 2006-njy ýyldaky çempionata gatnaşanyndan soň, AFK-nyň düzümine goşulýar. Täze Zelandiýa 2010-njy ýylda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik edip, olar indiki çempionatda 3-nji synanyşygyny başdan geçirerler.

# DÜNÝÄ KUBOGY 2026: «A» TOPARÇANYŇ TOPARLARY

### Meksika özlerinde geçen çempionatlarda çärýek finala çykypdy

● Dünýä Kubogy 2026-nyň ýer eýeleriniň biri bolan Meksikanyň ýygyndysy häzirki güne çenli futbolyň iň uly çempionatynyň yzygiderli wekillerinden hasaplanýar. 18-nji gezek gatnaşjak Meksikanyň ýygyndysy diňe 5 çempionata gatnaşyp bilmeýär. 1934-nji ýylda saýlama tapgyryny geçip bilmedik meksikanlar 1938-nji ýylda çempionatyň saýlama tapgyryna gatnaşmakdan boýun towlaýar. 1974-nji we 1982-nji ýyllarda saýlama tapgyryny geçip bilmeýär we 1990-njy ýyldaky çempionata bolsa FIFA tarapyndan gatnaşdyrylmaýar. 1988-nji ýylda ýaşlaryň arasynda geçirilen bäsleşikde resminamalarda galplyga ýol berleni üçin FIFA Meksikanyň ähli ýaşdaky ýygyndylaryny ähli ýaryşdan çetleşdirýär. 1994-nji ýyldan bäri yzygiderli wekilçilik edip gelýän Meksikanyň ýygyndysy şu wagta çenli Dünýä Kubogynda 60 duşuşyk geçirýär. Şolarda 17 ýeňiş gazanýar, 28 oýunda-da ýeňilýär (15 deňlik). 62 gol geçirip, 101 gol geçirdýär.

Meksikanyň ýygyndysy mundan öň diňe 2 gezek çärýek finala çykýar. Şolaryň ikisi hem özlerinde geçirilen çempionatlar bolup (1970, 1986), 1994-2018-nji ýyllar aralygynda-da toparçadan çykmagy başarýar. Braziliýa bilen 5 (4 ýeňliş, 1 deňlik), Argentina bilen 4 (4 ýeňliş), Fransiýa bilen 4 (2 ýeňliş, 1 deňlik, 1 ýeňiş), Germaniýa bilenem 4 (2 ýeňliş, 1 ýeňiş, 1 deňlik) gezek duşuşýar. Belgiýadyr Italiýa bilen 3, Bolgariýa, Horwatiýa, Çehiýa, Niderlandlar, Polşa, Şwesiýa, Urugwaý bilen 2 gezek duşuşýar. Günorta Afrika hem-de Koreýa Respublikasy bilenem 3-nji gezek duşuşar. Günbatar Germaniýadan 6-0, Braziliýadan 5-0, Wengriýadyr Braziliýadan 4-0, Argentinadan 6-3 hasaplar bilen utulýar. Iň uly hasaply ýeňşi 1970-nji ýylda Salwadory 4-0 hasabynda utmagy bolýar. Rafael Markes iň köp duşuşyk geçiren oýunçy bolup (19), ol Andres Guardado, Antonio Karbahal, Gillermo Oçoa dagy bilen 5 Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Luis Hernandes hem-de Hawier Hernandes 4 gol bilen Dünýä Kubogynda iň köp gol geçiren meksikalylardyr.

### Mundan öň toparçadan çykmak başartmandy

● Günorta Afrika Respublikasy ilkinji gezek 1998-nji ýylda Fransiýada geçirilen çempionata gatnaşýar. 2002-nji ýylda-da gatnaşan GAR 2010-njy ýylda Dünýä Kubogynyň guramaçysy bolýar. 1998-nji ýyla çenli – irki ýyllarda 1930–1962-nji ýyllarda hiç hili, saýlama tapgyryna hem gatnaşmaýar. 1966-njy ýyldan 1990-njy ýyla çenli bolsa syýasy sebäplere görä Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna hem gatnaşmak gadagan edilýär. Dünýä Kubogynda 9 duşuşykda 2 ýeňiş gazanyp, 3 oýunda utulýar, 4 duşuşykda-da deňme-deň oýnaýar. 11 gol geçirip, 16 gol geçirdýär. Şaun Bartlett hem-de Benni MakKarti 2 gol bilen ýurduň Dünýä Kubogynda iň köp gol geçiren futbolçylarydyr. Fransiýa bilen 2 duşuşyk geçirip, oýunlaryň hersinde ýer eýeleri ýeňiş gazanýar. Ýagny 1998-nji ýylda Fransiýa 3–0, 2010-njy ýylda GAR 2–1 hasabynda utýar. DK-niň çäginde Meksika bilen 2-nji gezek duşuşar. Günorta Afrika mundan öňki 3 synanyşygynda-da toparçadan çykyp bilmändi.




### 40 ýyldan bäri yzygiderlilikde Dünýä Kubogyna gatnaşyp gelýär

● Aziýanyň adyndan Dünýä Kubogyna gatnaşan 2-nji ýygyndy bolan Koreýa Respublikasynyň milli topary ilkinji gezek 1954-nji ýylda wekilçilik edýär. Koreýler 2-nji synanyşygy üçin köp garaşmaly bolýar. 1986-njy ýylda 2-nji gezek gatnaşan Koreýa Respublikasynyň ýygyndysy şondan bäri ýeke çempionaty hem goýbermän gelýär. 12-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşjak koreýler mundan öňki 11 synanyşykda 3 gezek toparçadan çykmagy başarýar (2002, 2010, 2022). Şolaryň ilkinjisinde ýarym finala çenli çykyp, 4-nji orny eýeleýär. Şu wagta çenli 38 duşuşyk geçirip, şolarda 7 gezek ýeňiş gazanýar, 21 sapar hem utulýar (10 deňlik). 38 gol geçiren koreýler 78 gol geçirdýär. Iň köp Germaniýadyr Belgiýanyň, Ispaniýanyň hem-de Urugwaýyň ýygyndylary bilen duşuşýar (3 gezek). Türkiýäniň, Italiýanyň, Portugaliýanyň, Argentinanyň, Meksikanyň ýygyndylary bilenem 2 gezek duşuşan koreýleriň iň netijeli futbolçylary 3 pökgini öz atlaryna ýazdyran Hin Min Son, Ži Sun Pak, Žun Hwan An dagydyr. 4 Dünýä Kubogyna gatnaşan Mýun Bo Hun 16 duşuşykda meýdança çykýar. Wengriýadan 9-0, Türkiýeden 7-0, Niderlandlardan 5-0, Argentinadyr Braziliýadan 4-1 hasaplar bilen ýeňilýär (iň uly hasaply ýeňlişleri). Dünýä Kubogy 2026-da «A» toparçada Meksika bilen 3-nji gezek duşuşar. Mundan öňki 2 oýunda-da – 1998-nji ýylda 3–1, 2018-nji ýylda 2–1 hasaplar bilen asgyn gelýär.

### 2 gezek finalda utulypdy

● Çehiýanyň ýygyndysy şol wagtky ady Çehoslowakiýa bolup, ilkinji çempionatdan galanynyň iň bolmanda saýlama tapgyryna gatnaşýar. Ýöne 1950-nji, 1966-njy, 1974–78-nji, 1986-njy, 1994–98-nji ýyllarda saýlama tapgyryny geçip bilmeýär. Täze asyrda da diňe 2006-njy ýyldaky çempionata gatnaşyp, şu gezek 20 ýyllyk arakesmäni soňlandyrmagy başarýar. 10-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan çehler 33 duşuşygyň 12-sinde ýeňiş gazanyp, 16-synda utulýar, 5 duşuşykda-da deňme-deň oýnaýar. Çehiýaly futbolçylar 47 gol geçirip, 49 goly-da derwezelerine goýberýär. Mundan öňki 9 ýaryşyň 5-sinde toparçadan çykyp bilmeýär. Ýöne 2 gezek finala çykyp, kümüş medala mynasyp bolýar. 1934-nji ýylda finalda Italiýadan goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňilýär. 1962-nji ýylda bolsa Braziliýadan 3-1 hasabynda asgyn gelýär. Çehiýanyň ýygyndysy Niderlandlardan soň Wengriýa bilen bilelikde 2 gezek finala çykyp, çempion bolup bilmedik 2 toparyň biridir. Niderlandlar 3 gezek finalda ýeňilýär. Şwesiýa bilenem Horwatiýanyň ýygyndylary finala çykybam ýeňiş gazanyp bilmedik beýleki ýygyndylardyr. Çehiýanyň ýygyndysy Braziliýa bilen 5 gezek duşuşsa-da, entek olara sambaçylary ýeňmek başardanok (3 ýeňliş, 2 deňlik). Italiýadyr Germaniýa bilen 3 gezek duşuşyp, italýanlardan 3 oýunda-da ýeňilýär. Iň uly hasaply ýeňşinde 1958-nji ýylda Argentinany 5-1 hasabynda utýar. 1990-njy ýylda ABŞ-ny 5-1, Kosta Rikany 4–1 hasaplar bilen utýar. 1954-nji ýylda Awstriýadan 5-0, 1970-nji ýylda Braziliýadan 4-1 hasabynda asgyn gelýär. 1934-nji ýylda 5, 1938-nji ýylda 2 gezek tapawutlanan Oldržih Needli 7 gol bilen Dünýä Kubogynda iň köp gol salan çeh futbolçydyr. Ladislaw Nowak 12 duşuşyk bilen Dünýä Kubogynda iň köp oýnan çehiýaly hökmünde rekordyň eýesidir.

# TÄZE MÖWSÜM ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER BILEN BAŞLANDY

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynyň täze möwsümine badalga berildi. Täze möwsümiň 1-nji tapgyrynyň ähli duşuşygynda ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Geçirilen 4 duşuşykda 20 gol hasaba alyndy.**

Soňky çempion «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Merwi» 7–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Rahman Myratberdiýew (21), Resul Hojaýew (25, 72), Ilýas Çaryýew (40), Yhlas Toýjanow (52), Baýram Ataýew (58) hem-de Didar Durdyýew (63) derweze girizdi. «Merw» toparynyň ýeke-täk goluny 78-nji minutda Awdyresul Abdyýew öz adyna ýazdyrdy.

Tapgyryň 2-nji uly hasaply ýeňşini «Ahal» topary gazandy. Öz meýdançasynda «Köpetdagy» 5–1 hasabynda ýeňen «Ahalyň» gollaryny Süleýman Mirzoýew (33), Oraz Orazow (37), Yslam Annamyradow (45), Hakmuhammet Bäşimow (56) hem-de Ýakupmuhammet Bäşimow (89) geçirdi. «Köpetdag» toparynyň ýeke-täk pökgüsini 76-njy minutda Mekan Amannyýazow tora gönükdirdi.

«Altyn Asyr» topary hem täze möwsüme uly hasaply ýeňiş bilen başlady. Aragatnaşykçylar öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Altyn Asyryň» adyndan 18-nji minutda Mekan Aşyrow (p), 31-nji minutda Şatlyk Gurbanow (ö.d.), 35-nji minutda Röwşen Halmämmedow hem-de 90+3-nji minutda Hoşgeldi Hojowow, «Aşgabat» toparynyň goluny-da 49-njy minutda belli hüjümçi Wahyt Orazsähedow derweze girizdi.

Ýeňijini ýeke-täk goluň kesgitlän oýnunda, welaýat derbisinde «Şagadam» topary öz meýdançasynda «Nebitçini» 1–0 hasabynda utdy. Esasanam, soňky minutlary dartgynly geçen duşuşykdaky şol ýeke-täk arzyly goly 59-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Serdar Gulyýew geçirdi.



# Wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi

Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de çempion wagtyndan öň belli boldy. 29-njy tapgyryň çäginde PSW topary öz meýdançasynda «Utreht» toparyny kynlyk bilen 4–3 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen oýunda myhmançylykda «Utreht» topary duşuşygyň başlarynda Stepanowyň (3) hem-de Zehieliň (13) gollary esasynda 2-0 öňe saýlandy. Ýöne eýndhowenliler Saýbariniň (21, 48) gollary bilen hasaby deňledi. 52-nji minutda Til PSW-ni öňe çykarsa-da, 82-nji minutda Karlsson hasaby deňledi. 90+4-nji minutda bolsa Drioş 4-nji goly myhmanlaryň derwezesinden geçirdi we PSW 4–3 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

Bu ýeňişden soň 29 oýunda utugyny 71-e ýetiren PSW-niň çempionlygy üçin 1 utuk ýa-da 2-nji ýerdäki «Feýenoordyň» utuk ýitirmegi gerekdi. Ýekşenbe gününde oýnalan «Wolendam» — «Feýenoord» duşuşygy golsuz tamamlandy we PSW topary wagtyndan öň çempionlygyny yglan etdi.

Yzly-yzyna 2-nji gezek çempionlygyny goran PSW topary bassyr 3-nji, umumylykda-da 27-nji çempionlygyny gazandy. PSW topary bu ugurda 36 çempionlygy bolan «Aýaksdan» soň 2-nji orunda barýar. 3-nji ýerdäki «Feýenoordyň» 16 çempionlygy bar.

PSW topary şu möwsümde Ýewropada çempionlygyny wagtyndan öň yglan eden 2-nji topar bolup, mart aýynyň başlarynda Uelsiň «Nýu-Seýnts» topary bassyr 5-nji çempionlygyny gazanypdy. Şeýle-de, PSW topary indiki möwsümde Çempionlar Ligasynyň liga tapgyryna adyny ýazdyran 3-nji topar boldy. Eýndhowenlilerden öň «Barselona» bilen «Bawariýa» gönümel gatnaşjak toparlaryň ilkinjileri bolupdy.



# «Barselona» aratapawudy 7 utuga ýetirdi

**Ispaniýanyň çempionatynda** «Barselona» myhmançylykda «Atletiko Madridi» 2–1 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli geçen oýunda Madridliler 39-njy minutda Juliano Simeoneniň goly bilen öňe geçdi. «Barselona» 4 minutdan soň Markus Reşfordyň goly bilen hasaby deňledi. 45+7-nji minutda bolsa «Atletikonyň» başga bir argentinaly oýunçysy Niko Gonzales gyzyl kart aldy. 2-nji ýarymda katalonlar has erjel oýun görkezip, duşuşygyň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 3 minut galanda, Robert Lewandowskä degip, derweze giren top «Barselona» ýeňiş getirdi. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Malýorka» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňildi. 41-nji minutda Morlanes ýer eýelerini öňe geçirdi. «Real Madrid» topary duşuşygyň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 3 minut galanda, Eder Militaonyň goly bilen hasaby deňlesede, garşylyklaýyn hüjümde «Malýorka» topary kosowoly hüjümçisi Wedad Murikiniň geçiren pökgüsi esasynda ýeňşini baýram etdi. «Wilýarrealyň» myhmançylykda «Žironadan» iň kiçi hasap bilen utulan tapgyrynda «Walensiýa» öz meýdançasynda «Seltadan» 3–2 hasabynda asgyn geldi.



**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ çempionlyga barha golaýlaýar. Parižliler öz meýdançasynda «Tuluzadan» Dembeleniň (2) hem-de Ramuşyň gollary bilen 3–1 hasabynda üstün çykdy. 2-nji ýerdäki «Lans» bolsa myhmançylykda «Lill» toparyndan 3–0 hasabynda asgyn geldi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Monako» öz meýdançasynda «Marseli» Golowiniň (59) hem-de Baloganyň (74) gollary esasynda 2–1 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. 28-nji tapgyrdan soň 1 oýny kem PSŽ topary 2-nji ýerdäki «Lans» toparyndan 4 utuk öňde barýar.

**Türkiýäniň çempionatynda** 28-nji tapgyrda 2 derbi oýnalyp, sanawyň lideri «Galatasaraý» myhmançylykda «Trabzonspordan» 2–1 hasabynda ýeňildi. «Fenerbahçe» öz meýdançasynda «Beşiktaşy» Kerem Aktürkoglunyň 9+11-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda utdy. 27-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda bolsa «Galatasaraý» myhmançylykda «Göztepe» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykyp, aratapawudy täzeden 4 utuga ýetirdi.



**90-njy minutdan soň kembek etdi**

● Germaniýanyň çempionatynda «Bawariýa» topary «Fraýburgyň» myhmany bolup, taryhy kembek bilen ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda ýer eýeleri Manzambiniň hem-de Höleriň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne münhenlileriň ýaş oýunçylary erjellik görkezdi. Bişof 81-nji minutda aratapawudy azaldyp, 90+2-nji minutda hasaby deňledi. 90+9-njy minutda bolsa Karl «Bawariýa» ýeňiş getiren oýunçy boldy. 2-nji ýerde barýan «Borussiýa Dortmund» topary-da myhmançylykda «Ştutgart» bilen duşuşyp, 90-njy minutdan soň geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Dortmundlylara ýeňiş getiren gollary 90+4-nji minutda Adeýemi, 90+6-njy minutda-da Brandt öz atlaryna ýazdyrdylar. «Leipsigiň» myhmançylykda «Werderi» ýeňen tapgyrynda (2–1), «Baýer» öz meýdançasynda «Wolfsburgy» 6–3 hasabynda utdy. Duşuşykda myhmanlar 3–1 hasabynda öňe geçse-de, lewerkuzenliler 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezip, ýeňiş gazanmagy başardy.



# FA Kubogynyň çärýek final duşuşyklary

**Angliýanyň FA Kubogynda çärýek final duşuşyklary geçirilip, ýarym finala çykanlar belli boldy. Çärýek finalda uly hasaply, şol sanda garaşylmadyk ýeňişler hasaba alyndy.**

Çärýek finalyň iň esasy oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Liwerpuly» 4–0 hasabynda derbi-dagyn etdi. Şäherliler duşuşygyň 1 sagady dolmanka garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirip, olaryň 3-sini Erling Holann öz adyna ýazdyrdy. Ol duşuşygyň 39-njy (p), 45+2-nji hem-de 57-nji minutlarynda tapawutlanyp, «Mançester Sitidäki» 12-nji het-trigini etdi. «Mançester Sitiniň» beýleki goluny bolsa 50-nji minutda Semenýo derweze girizdi.





«Çelsi» bolsa öz meýdançasynda 3-nji liganyň wekili «Port Weýl» toparynyň derwezesinden gol baryny ýagdyrdy. 7–0 hasabynda üstün çykan «Çelsiniň» gollaryny 2-nji minutda Hato, 25-nji minutda Žoao Pedro, 42-nji minutda Larwens-Gabriel (ö.d.), 57-nji minutda Adarabioýo, 69-njy minutda Santos, 82-nji minutda Estewao hem-de 90+2-nji minutda Garnaço (p) geçirdi.

FA Kubogyny iň köp gazanan «Arsenal» myhmançylykda 2-nji liganyň topary «Southempton» topary bilen duşuşyp, garaşylmadyk ýagdaýda 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşygyň 35-nji minutynda ýer eýeleri Ross Stýuwartyň goly bilen öňe saýlandy. 68-nji minutda Wiktor Gýokereş hasaby deňlese-de, 85-nji minutda Şi Çarlz oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, «Arsenal» 2-nji liganyň wekilinden asgyn gelip, möwsümi 3 kubok bilen tamamlamak mümkinçiligini elden giderdi. Londonlylar mart aýynda Liga Kubogynyň finalynda «Mançester Sitiden» utulyp, 4 kubok gazanmak mümkinçiligini hem elden gideripdi.

Londonda «West Ham» bilen «Lids Ýunaýted» toparlary duşuşyp, myhmanlar Tanakanyň (25) hem-de Kalwer-Lewiniň (75 p) gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne «West Ham» topary 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, hasaby deňledi. Mateus Fernandesiň 90+3-nji minutda hem-de Aksel Disasiniň 90+6-njy minutda geçiren gollary bilen hasaby deňlän «West Ham» oýundan soňky 11 metrlik urgularynyň netijesinde «Lids Ýunaýtedden» asgyn geldi (4–2).

FA Kubogynyň ýarym finalynda «Çelsi» bilen «Lids», «Mançester Siti» bilenem «Southempton» duşuşar. Duşuşyklar 25–26-njy aprelde Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalar.

# Meşhur tälimçi aradan çykdy

**Rumyniýanyň dünýä belli futbol hünärmeni, meşhur tälimçi Mirçea Luçesku 80 ýaşynda aradan çykdy.**

1945-nji ýylyň 29-njy iýulynda Rumyniýanyň paýtagty Buharestde dünýä inen Luçesku 1963–1977-nji ýyllarda «Dinamo» toparynda ýarymgoragçynyň ornunda oýnaýar. Paýtagtyň bu kluby bilen 7 gezek çempionlyk gazanan Luçesku Rumyniýanyň çempionatynda iň köp altyn medala mynasyp bolan futbolçylaryň biridir. Belli bir döwürde paýtagtyň başga bir topary «Sportul Studensesk» (1965-1967) klubunda 2-nji ligada kärendesine hem çykyş eden Luçesku 1977-nji ýylda Hunedoara şäheriniň «Korwinul» toparyna transfer bolup, bu ýerde 1982-nji ýyla çenli 5 möwsüm oýnaýar. Ol futbolçy hökmünde klublarda 416 oýunda 93 gol geçirýär. Luçesku Rumyniýanyň milli ýygyndysy bilenem 64 oýunda 9 gezek tapawutlanýar.






Luçeskunyň futbolçylyk ýyllarynyň iň ýatda galan pursatlarynyň biri-de 1970-nji ýyldaky Dünýä Kubogynda Braziliýa — Rumyniýa duşuşygyndan (3–2) soň, oýunda 2 gol salan futbolyň şasy hasaplanýan Pele bilen köýnekçesini çalyşmagy bolýar.

**45 ýyllyk tälimçilik karýerasy**

● 1981-nji ýylda tälimçilige baş goşup, tutuş dünýäde özüne uly şöhrat getirjek ýola giren Luçesku Rumyniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellenip, 5 ýyllap bu wezipede işleýär. Soňra 12 ýyl köýnekçesini geýen toparynyň – «Dinamo Buharestiň» tälimçisi bolýar. Bu klubda 5 ýyl işlän Luçesku 1989/90 möwsüminde ýurduň çempionlygyny gazandyrýar. Soňra ugruny Italiýa gönükdiren Luçesku bu ýurtda «Pisa», «Breşiýa», «Rejjana» klublaryna tälim berýär. «Breşiýada» «Serie B»-niň çempionlygyny gazanýar. Buharestiň «Rapid» toparynyň tälimçisi bolan Luçesku 1998-nji ýylyň dekabrynda Italiýanyň «Inter» toparynyň tälimçiligine bellenýär. Şowsuz netijelerden soň 1999-njy ýylyň martynda ýene-de «Rapide» dolanýar. «Rapiddäki» 2-nji başdangeçirmesinde ýurduň çempionlygyny we Super Kubogyny gazanýar. 2000-nji ýylda türk kluby «Galatasaraýyň» tälimçisi bolan Luçesku stambullylara ilki UEFA Super Kubogyny, soňra milli ligada çempionlyk gazandyrýar. 2002-nji ýylda Stambulyň başga bir topary «Beşiktaşa» tälim berip başlan Luçesku bu türk klubuny hem «Süper Ligiň» çempiony edýär. 2004-nji ýylda Ukrainanyň «Şahtýor» topary bilen şertnama baglaşyp, 12 ýyllap donesklileri türgenleşdirýär. 573 oýunda 395 ýeňiş gazanyp (90 deňlik, 88 ýeňliş), Ukrainanyň çempionatynda 8 gezek çempionlyga mynasyp bolýar. «Şahtýor» onuň tälimçiliginde Ukrainanyň Kubogyny 6, Ukrainanyň Super Kubogyny 7 gezek gazanyp, 2008/09 möwsüminde bolsa UEFA Kubogyny (häzirki UEFA Ýewropa Ligasy) hem eýeleýär. 2016/17 möwsüminde Russiýanyň «Zenit» toparynyň tälimçisi bolan Luçesku 2017-nji ýylyň awgustyndan 2019-njy ýylyň fewralyna çenli Türkiýäniň milli toparyny türgenleşdirýär. 2020-2023-nji ýyllar aralygynda täzeden Ukraina dolanyp, bu gezek «Şahtýoryň» esasy bäsdeşi «Dinamo Kiýewiň» tälimçisi bolýar. Kiýewlilere ýurduň 3 esasy kubogyny-da (çempionlyk, kubok ýaryşy, Super Kubok) gazandyrýar. 2024-nji ýylda 43 ýyldan soň 2-nji gezek Rumyniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi bolan Luçesku tälimçilikdäki soňky duşuşygyny Türkiýäniň ýygyndysy bilen geçirýär. Fewral aýynda-da keselhana düşen Luçesku soňky duşuşygyndan 2 gün soň ýene-de hassahana getirilýär. 7-nji aprel-de-de tälimçiniň aradan çykandygy resmi ýagdaýda mälim edilýär.

**Iň köp kubok gazanan 3-nji tälimçi**

● Tälimçilik karýerasy boýunça 1544 duşuşyk geçiren Luçesku 919 oýunda ýeňiş gazanýar (311 ýeňliş). Hemişe pespälligi bilen tanalýan Luçesku tälimçiliginde 38 kubogy asmana göterip, bu ugurda Aleks Ferguson hem-de Pep Guardioladan soň 3-nji orny eýeleýär. Futbolçylaryna uniwersitetde okamagy ündeýän Luçesku agşamlaryna teatra gitmegiň ýa-da kitap okamagyň has peýdalydygyny hemişe sargyt edýärdi. Ene dilinden başga iňlis, portugal, italýan, ispan, fransuz hem-de rus dillerini bilýän Luçeskunyň ogly Razwan hem kakasy ýaly futbol oýnap, häzirki wagtda-da tälimçilik edýär. Ol Gresiýanyň PAOK toparyny türgenleşdirýär. Luçesku aglaba gorag futbolyny oýnadyp, ol taktiki oýnuň ussady hasaplanýardy. Ukrainada we Rumyniýada ençeme gezek ýylyň tälimçisi saýlanan Luçesku Çempionlar Ligasynda 100 duşuşyk geçiren 5-nji tälimçidir.



## LA LIGA (30) — 22 gol

**Raýo Wallekano—Elçe: 1–0** (Nteka 74), **R. Sosiedad—Lewante: 2–0** (Martin 30, Mendes 83), **Malýorka—Real Madrid: 2–1** (Morlanes 41, Muriki 90+1 — Militao 88), **Betis—Espanýol: 0–0, Atletiko—Barselona: 1–2** (Simeone 39 — Reşford 42, Lewandowski 87), **Hetafe—Atletik: 2–0** (Waskes 14, Satriano 90), **Walensiýa—Selta: 2–3** (Rodriges 12, 90+3 — Moriba 56, Fer Lopes 60, Swedberg 81), **Owiedo—Sewilýa: 1–0** (Winiýas 32), **Alawes—Osasuna: 2–2** (Martines 44, Boýe 90+1 p — Rozie 4, Budimir 80 p), **Žirona—Wilýarreal: 1–0** (Nawarro 45+1 ö.d.)

## SERIE A (31) — 23 gol

**Sassuolo—Kaliari: 2–1** (Garsiýa 50, Pinamonti 78 — Espozito 30 p), **Werona—Fiorentina: 0–1** (Fajoli 82), **Lasio—Parma: 1–1** (Noslin 77 — Delprato 15), **Kremoneze—Bolonýa: 1–2** (Bonazzoli 90+1 p — Žoao Mario 3, Rou 16), **Pisa—Torino: 0–1** (Adams 80), **Inter—Roma: 5–2** (Martines 2, 52, Çalhanoglu 45+2, Turam 55, Barella 63 — Mançini 40, Pellegrini 70), **Udineze—Komo: 0–0, Leççe—Atalanta: 0–3** (Skalwini 29, Krstowiç 59, Raspadori 73), **Ýuwentus—Jenoa: 2–0** (Bremer 4, MakKenni 17), **Napoli—Milan: 1–0** (Politano 79)

## BUNDESLIGA (28) — 34 gol

**Hoffenhaým—Maýns: 1–2** (Asllani 23 — Tits 13, 79), **Fraýburg—Bawariýa: 2–3** (Manzambi 46, Höler 71 — Bişof 81, 90+2, Karl 90+9), **Hamburg—Augsburg: 1–1** (Kenigsderffer 60 — Çawes 22), **Werder—Leipsig: 1–2** (Musa 90+4 — Nusa 15, Romulo 52), **Borussiýa M—Haýdenhaým: 2–2** (Mohiýa 16, Onora 74 — Mainka 26, Buş 64), **Baýer—Wolfsburg: 6–3** (Grimaldo 30 p, 44, Şik 53 p, Tapsoba 68, Maza 73, Tillman 90+6 — Winn 16, Mele 31, Eriksen 38 p), **Ştutgart—Borussiýa D: 0–2** (Adeýemi 90+4, Brandt 90+6), **Union Berlin—Sankt-Pauli: 1–1** (Iliç 25 — Pereýra Laže 26), **Aýntraht—Köln: 2–2** (Burkardt 66, Kalimuendo 69 — Kaminski 70, Kastro-Montes 83)

## LIGUE 1 (28) — 25 gol

**PSŽ—Tuluza: 3–1** (Dembele 23, 33, Ramuş 90+2 — Nikolaýsen 27), **Strasbur—Nissa: 3–1** (Godo 28, Enkiso 36, El-Murabet 42 — Mendi 82), **Brest—Renn: 3–4** (Ebimbe 4, 57, Labo 70 — Blýas 20, Lepol 35 p, 74 p, Embolo 63), **Lill—Lans: 3–0** (Haraldsson 44, Korreýýa 49, Fernandes-Pardo 57 p), **Anže—Lion: 0–0, Le Hawr—Oser: 1–1** (Ebonog 23 – Sinaýoko 15), **Loriýan—Pariž: 1–1** (Dieng 54 — Munetsi 74), **Mets—Nant: 0–0, Monako—Marsel: 2–1** (Golowin 59, Balogan 74 — Guiri 86)

## SÜPER LIG (28) — 20 gol

**Gençlerbirligi—Göztepe: 0–2** (Miroşi 38 p, Bokele 68 p), **Kasympaşa—Kaýserispor: 2–0** (Benediçak 10, Ýanniotis 66), **Gaziantep—Alanýaspor: 1–1** (Kozlowski 63 — Kaýa 42), **Trabzonspor—Galatasaraý: 2–1** (Onuaçu 4, Nwaiwu 62 — Singo 48), **Fatih Karagümrük—Ç. Rizespor: 2–1** (Seržinio 39, Babika 87 — Sou 70), **Samsunspor—Konýaspor: 2–2** (Holse 42, 72 — Bardi 23 p, Kramer 79), **Antalýspor—Eýüpspor: 3–0** (Wan de Strek 63, Storm 77, Balle 83), **Fenerbahçe—Beşiktaş: 1–0** (Aktürkoglu 90+11 p), **Kojaelispor—Istanbul BŞ: 0–0**

## PREMÝER LIGA (23) — 22 gol

**Akron—SSKA: 1–2** (Dzýuba 60 p — Gondu 5, Krugowoý 85), **Zenit—Krylýa Sowetow: 2–1** (Jon Jon 49, Sobolew 55 — Babkin 75), **Dinamo—Orenburg: 3–3** (Mufi 29 ö.d. Týukawin 39, 61 — Mufi 45+2, De Keýrus 51, 66), **Ahmat—Krasnodar: 0–1** (Kordoba 86), **Pari NN—Rostow: 0–1** (Ronaldo 29), **Dinamo-Mahaçkala—Baltika: 2–2** (Agalarow 53, 72 p — Hil 14, Waratynow 81), **Spartak—Lokomotiw: 2–1** (Barko 66 p, Solari 83 — Montes 23), **Soçi —Rubin: 0–1** (Bezrukow 20)

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 30 | 25 | 1 | 4 | 80-29 | 76 |
| 2 | REAL MADRID | 30 | 22 | 3 | 5 | 64-28 | 69 |
| 3 | WILÝARREAL | 30 | 18 | 4 | 8 | 54-35 | 58 |
| 4 | ATLETIKO M | 30 | 17 | 6 | 7 | 50-30 | 57 |
| 5 | BETIS | 30 | 11 | 12 | 7 | 44-37 | 45 |
| 6 | SELTA | 30 | 11 | 11 | 8 | 44-37 | 44 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 30 | 11 | 8 | 11 | 46-45 | 41 |
| 8 | HETAFE | 30 | 12 | 5 | 13 | 27-31 | 41 |
| 9 | OSASUNA | 30 | 10 | 8 | 12 | 36-37 | 38 |
| 10 | ESPANÝOL | 30 | 10 | 8 | 12 | 36-44 | 38 |
| 11 | ATLETIK B | 30 | 11 | 5 | 14 | 32-43 | 38 |
| 12 | ŽIRONA | 30 | 9 | 10 | 11 | 32-44 | 37 |
| 13 | R. WALLEKANO | 30 | 8 | 11 | 11 | 29-35 | 35 |
| 14 | WALENSIÝA | 30 | 9 | 8 | 13 | 34-45 | 35 |
| 15 | ALAWES | 30 | 8 | 8 | 14 | 32-43 | 32 |
| 16 | MALÝORKA | 30 | 8 | 7 | 15 | 36-48 | 31 |
| 17 | SEWILÝA | 30 | 8 | 7 | 15 | 37-50 | 31 |
| 18 | ELÇE | 30 | 6 | 11 | 13 | 38-47 | 29 |
| 19 | LEWANTE | 30 | 6 | 8 | 16 | 34-50 | 26 |
| 20 | OWIEDO | 30 | 5 | 9 | 16 | 21-48 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 19 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 15 |
| 4 | Lamin ÝAMAL (Barselona) | 14 |
| 5 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 31 | 23 | 3 | 5 | 71-26 | 72 |
| 2 | NAPOLI | 31 | 20 | 5 | 6 | 47-30 | 65 |
| 3 | MILAN | 31 | 18 | 9 | 4 | 47-24 | 63 |
| 4 | KOMO | 31 | 16 | 10 | 5 | 53-22 | 58 |
| 5 | ÝUWENTUS | 31 | 16 | 9 | 6 | 54-29 | 57 |
| 6 | ROMA | 31 | 17 | 3 | 11 | 42-28 | 54 |
| 7 | ATALANTA | 31 | 14 | 11 | 6 | 44-27 | 53 |
| 8 | BOLONÝA | 31 | 13 | 6 | 12 | 40-37 | 45 |
| 9 | LASIO | 31 | 11 | 11 | 9 | 32-29 | 44 |
| 10 | SASSUOLO | 31 | 12 | 6 | 13 | 38-41 | 42 |
| 11 | UDINEZE | 31 | 11 | 7 | 13 | 35-42 | 40 |
| 12 | TORINO | 31 | 10 | 6 | 15 | 35-53 | 36 |
| 13 | PARMA | 31 | 8 | 11 | 12 | 22-39 | 35 |
| 14 | JENOA | 31 | 8 | 9 | 14 | 36-44 | 33 |
| 15 | FIORENTINA | 31 | 7 | 11 | 13 | 36-44 | 32 |
| 16 | KALIARI | 31 | 7 | 9 | 15 | 32-44 | 30 |
| 17 | KREMONEZE | 31 | 6 | 9 | 16 | 26-46 | 27 |
| 18 | LEÇÇE | 31 | 7 | 6 | 18 | 21-43 | 27 |
| 19 | WERONA | 31 | 3 | 9 | 19 | 22-53 | 18 |
| 20 | PISA | 31 | 2 | 12 | 17 | 23-55 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 16 |
| 2 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 11 |
| 3 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 10 |
| 4 | Rasmus HÝOÝLUNN (Napoli) | 10 |
| 5 | Niko PAZ (Komo) | 10 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 28 | 23 | 4 | 1 | 100-27 | 73 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 28 | 19 | 7 | 2 | 60-28 | 64 |
| 3 | LEIPSIG | 28 | 16 | 5 | 7 | 55-36 | 53 |
| 4 | ŞTUTGART | 28 | 16 | 5 | 7 | 56-38 | 53 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 28 | 15 | 5 | 8 | 55-41 | 50 |
| 6 | BAÝER | 28 | 14 | 7 | 7 | 58-39 | 49 |
| 7 | AÝNTRAHT | 28 | 10 | 9 | 9 | 52-53 | 39 |
| 8 | FRAÝBURG | 28 | 10 | 7 | 11 | 41-47 | 37 |
| 9 | MAÝNS | 28 | 8 | 9 | 11 | 35-43 | 33 |
| 10 | UNION BERLIN | 28 | 8 | 8 | 12 | 32-47 | 32 |
| 11 | AUGSBURG | 28 | 9 | 5 | 14 | 34-51 | 32 |
| 12 | HAMBURG | 28 | 7 | 10 | 11 | 32-41 | 31 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 28 | 7 | 9 | 12 | 35-48 | 30 |
| 14 | WERDER | 28 | 7 | 7 | 14 | 31-49 | 28 |
| 15 | KÖLN | 28 | 6 | 9 | 13 | 40-49 | 27 |
| 16 | SANKT-PAULI | 28 | 6 | 7 | 15 | 25-45 | 25 |
| 17 | WOLFSBURG | 28 | 5 | 6 | 17 | 38-63 | 21 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 28 | 3 | 7 | 18 | 29-63 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 31 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 18 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 15 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 13 |
| 5 | Kristof BAUMGARTNER (Leipsig) | 12 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 27 | 20 | 3 | 4 | 61-23 | 63 |
| 2 | LANS | 28 | 19 | 2 | 7 | 54-27 | 59 |
| 3 | LILL | 28 | 15 | 5 | 8 | 45-34 | 50 |
| 4 | MARSEL | 28 | 15 | 4 | 9 | 55-37 | 49 |
| 5 | MONAKO | 28 | 15 | 4 | 9 | 49-39 | 49 |
| 6 | LION | 28 | 14 | 6 | 8 | 41-29 | 48 |
| 7 | RENN | 28 | 13 | 8 | 7 | 47-40 | 47 |
| 8 | STRASBUR | 28 | 12 | 7 | 9 | 46-34 | 43 |
| 9 | LORIÝAN | 28 | 9 | 11 | 8 | 38-42 | 38 |
| 10 | TULUZA | 28 | 10 | 7 | 11 | 39-35 | 37 |
| 11 | BREST | 28 | 10 | 6 | 12 | 37-43 | 36 |
| 12 | ANŽE | 28 | 9 | 6 | 13 | 24-37 | 33 |
| 13 | PARIŽ | 28 | 7 | 11 | 10 | 33-44 | 32 |
| 14 | LE HAWR | 28 | 6 | 10 | 12 | 23-36 | 28 |
| 15 | NISSA | 28 | 7 | 6 | 15 | 33-55 | 27 |
| 16 | OSER | 28 | 5 | 8 | 15 | 23-37 | 23 |
| 17 | NANT | 27 | 4 | 6 | 17 | 24-45 | 18 |
| 18 | METS | 28 | 3 | 6 | 19 | 25-60 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 16 |
| 2 | Esteban LEPOL (Renn) | 16 |
| 3 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 15 |
| 4 | Odsonn EDUAR (Lans) | 12 |
| 5 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |

### TÜRKIÝÄNIŇ ÇEMPIONATY /SÜPER LIG/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GALATASARAÝ | 28 | 21 | 4 | 3 | 66-21 | 67 |
| 2 | FENERBAHÇE | 28 | 18 | 9 | 1 | 62-28 | 63 |
| 3 | TRABZONSPOR | 28 | 19 | 6 | 3 | 55-30 | 63 |
| 4 | BEŞIKTAŞ | 28 | 15 | 7 | 6 | 49-32 | 52 |
| 5 | GÖZTEPE | 28 | 12 | 10 | 6 | 33-23 | 46 |
| 6 | ISTANBUL BŞ | 28 | 12 | 8 | 8 | 44-30 | 44 |
| 7 | SAMSUNSPOR | 27 | 8 | 12 | 7 | 31-33 | 36 |
| 8 | GAZIANTEP | 28 | 8 | 10 | 10 | 37-47 | 34 |
| 9 | KOJAELISPOR | 28 | 9 | 7 | 12 | 23-32 | 34 |
| 10 | ALANÝASPOR | 28 | 6 | 14 | 8 | 34-33 | 32 |
| 11 | KONÝASPOR | 28 | 7 | 10 | 11 | 33-41 | 31 |
| 12 | Ç. RIZESPOR | 27 | 7 | 9 | 11 | 33-38 | 30 |
| 13 | ANTALÝASPOR | 28 | 7 | 7 | 14 | 28-43 | 28 |
| 14 | KASYMPAŞA | 28 | 6 | 9 | 13 | 25-38 | 27 |
| 15 | GENÇLERBIRLIGI | 28 | 6 | 7 | 15 | 28-39 | 25 |
| 16 | KAÝSERISPOR | 28 | 4 | 11 | 13 | 21-50 | 23 |
| 17 | EÝÜPSPOR | 28 | 5 | 7 | 16 | 19-41 | 22 |
| 18 | F. KARAGÜMRÜK | 28 | 5 | 5 | 18 | 26-48 | 20 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Pol ONUAÇU (Trabzonspor) | 22 |
| 2 | Eldor ŞOMURODOW (Istanbul BŞ) | 16 |
| 3 | Mauro IKARDI (Galatasaraý) | 13 |
| 4 | Anderson TALISKA (Fenerbahçe) | 13 |
| 5 | Mohamed BAÝO (Gaziantep) | 12 |

### RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 23 | 16 | 4 | 3 | 48-16 | 52 |
| 2 | ZENIT | 23 | 15 | 6 | 2 | 43-16 | 51 |
| 3 | LOKOMOTIW | 23 | 12 | 8 | 3 | 49-32 | 44 |
| 4 | BALTIKA | 23 | 11 | 10 | 2 | 32-11 | 43 |
| 5 | SSKA | 23 | 13 | 3 | 7 | 36-25 | 42 |
| 6 | SPARTAK | 23 | 12 | 5 | 6 | 37-31 | 41 |
| 7 | RUBIN | 23 | 9 | 6 | 8 | 23-25 | 33 |
| 8 | DINAMO | 23 | 8 | 7 | 8 | 40-33 | 31 |
| 9 | AHMAT | 23 | 8 | 6 | 9 | 27-29 | 30 |
| 10 | ROSTOW | 23 | 6 | 7 | 10 | 18-25 | 25 |
| 11 | AKRON | 23 | 5 | 7 | 11 | 28-40 | 22 |
| 12 | D.MAHAÇKALA | 23 | 5 | 7 | 11 | 14-29 | 22 |
| 13 | K. SOWETOW | 23 | 5 | 6 | 12 | 23-42 | 21 |
| 14 | PARI NN | 23 | 6 | 2 | 15 | 18-37 | 20 |
| 15 | ORENBURG | 23 | 4 | 7 | 12 | 24-36 | 19 |
| 16 | SOÇI | 23 | 2 | 3 | 18 | 20-53 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 14 |
| 2 | Braýan HIL (Baltika) | 13 |
| 3 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 12 |
| 4 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 11 |
| 5 | Dmitriý WOROBÝEW (Lokomotiw) | 10 |



# «Inter» çempionlyga barýar

Italiýanyň çempionatynda öňdebaryjy «Inter» öz meýdançasynda «Romany» 5–2 hasabynda ýeňdi. «Inter» toparynyň gollarynyň 2-sini köp wagtdan bäri tapawutlanyp bilmän gelýän Lautara Martines, şol sanda uzak aralykdan batly urgy bilen Hakan Çalhanoglu, Markus Turam, Nikola Barella geçirdi. Mançini bilen Pellegrininiň gollary paýtagtlylara ýeterlik bolmady. «Milan» üçin çempionlyk ýaryşyny dowam edip-etmejekdigini kesgitleýän oýunda «Napoli» öz meýdançasynda 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 79-njy minutda Politano geçirdi. Bu ýeňlişden soň «Milan» 3-nji orna düşüp, «Napoli» ikinjilige beýgeldi. «Serie A»-da dördünjilik üçin 4 toparyň arasynda ýiti göreş dowam edip, «Komo» myhmançylykda «Udineze» bilen golsuz deňme-deň oýnady. «Ýuwentus» bolsa öz meýdançasynda «Jenoany» Bremeriň hem-de MakKenniniň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Möwsümiň tamamlanmagyna 7 tapgyr galanda, «Inter» «Napoliden» 7, «Milandan» 9 utuk öňde barýar.

* * *

Russiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Krasnodar» myhmançylykda «Ahmat» toparyny Kordobanyň 86-njy minutda salan ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Zenit» hem öz meýdançasynda «Krylýa Sowetowdan» Jon Jon hem-de Sobolewiň gollary esasynda 2–1 hasabynda üstün çykdy. Moskwa derbisinde «Spartak» garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, «Lokomotiwi» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Indiki tapgyrda çempionlyga täsirini ýetirip biljek oýunda «Zenit» bilen «Krasnodar» duşuşar.




| | |
|---|---|
| **10-njy aprel (anna)** | |
| Pariž – Monako (22:00) | LIGUE 1 |
| Roma – Pisa (23:45) | SERIE A |
| West Ham – W. Hempton (00:00) | Premier League |
| **Real Madrid – Žirona (00:00)** | LALIGA |
| Marsel – Mets (00:05) | LIGUE 1 |
| **11-nji aprel (şenbe)** | |
| **Arsenal – Bornmut (16:30)** | Premier League |
| **Borussiýa D – Baýer (18:30)** | Bundesliga |
| Leipsig – Borussiýa M (18:30) | Bundesliga |
| Milan – Udineze (21:00) | SERIE A |
| Liwerpul – Fulham (21:30) | Premier League |
| Sankt-Pauli – Bawariýa (21:30) | Bundesliga |
| **Barselona – Espanýol (21:30)** | LALIGA |
| Al-Ahdud – Al-Nassr (23:00) | |
| **Atalanta – Ýuwentus (23:45)** | SERIE A |
| Sewilýa – Atletiko (00:00) | LALIGA |
| **12-nji aprel (ýekşenbe)** | |
| **N. Forest – A. Willa (18:00)** | Premier League |
| Parma – Napoli (18:00) | SERIE A |
| **Çelsi – Man. Siti (20:30)** | Premier League |
| Ştutgart – Hamburg (20:30) | Bundesliga |
| **Zenit – Krasnodar (21:30)** | Premýer Liga |
| Galatasaraý – Kojaelispor (22:00) | Süper Lig |
| **Komo – Inter (23:45)** | SERIE A |
| Atletik – Wilýarreal (00:00) | LALIGA |
| **13-nji aprel (duşenbe)** | |
| Fiorentina – Lasio (23:45) | SERIE A |
| **Man. Ýunaýted – Lids (00:00)** | Premier League |

CNPC

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
## СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

20 лет

**Уважаемый господин Президент!**

От имени Китайской национальной нефтегазовой корпорации (CNPC) и от себя лично позвольте выразить Вам искренние поздравления по случаю знаменательной даты – 20-летия плодотворного сотрудничества между Туркменистаном и Китайской Народной Республикой в газовой отрасли.

За прошедшие два десятилетия наше взаимодействие стало ярким примером взаимовыгодного стратегического партнёрства, основанного на принципах доверия, равноправия и долгосрочной перспективы. Реализация совместных проектов, включая разработку газовых месторождений, строительство и эксплуатацию транснациональных газопроводов, внесла значительный вклад в устойчивое экономическое развитие наших стран и укрепление энергетической безопасности региона.

Особо хотелось бы отметить успешное сотрудничество в освоении одного из крупнейших в мире газовых месторождений – «Галкыныш». Участие CNPC в реализации данного стратегического проекта стало важным этапом в развитии энергетического потенциала Туркменистана и символом высокого уровня доверия между нашими странами.

Туркменистан зарекомендовал себя как надёжный и ответственный партнёр на мировом энергетическом рынке. Благодаря дальновидной государственной политике и Вашему личному вниманию к развитию топливно-энергетического комплекса, сотрудничество с Китаем достигло беспрецедентного уровня и продолжает динамично развиваться.

Компания CNPC высоко ценит достигнутые результаты и гордится тем, что является частью этого исторического процесса. Мы уверены, что накопленный опыт и прочная основа доверия позволят нам и впредь успешно реализовывать новые совместные инициативы, расширять масштабы сотрудничества и внедрять передовые технологии в энергетической сфере.

В этот знаменательный день примите наши искренние пожелания крепкого здоровья, благополучия и дальнейших успехов в Вашей ответственной государственной деятельности. Желаем народу Туркменистана мира, процветания и новых достижений, а двустороннему сотрудничеству – дальнейшего укрепления и развития на благо наших стран.

***С глубоким уважением,***

**Ду Юймин,**
***Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.***